# YMAM EBU HANYFA GÖRÄ DINIŇ ESASLARY

# YMAM EBU HANYFA GÖRÄ DINIŇ ESASLARY

**Muhammet bin Abdurrahman El-Humeýýisiň "YMAM EBU HANYFA GÖRÄ DINIŇ ESASLARY" atly kitabyndan gysgaldylyp alyndy.**

**Taýýarlan:** Türkmen halk ogly


Ikinji çap.



Ähli soraglary elektron poçtalaryň üsti bilen berip bilersiňiz.

Pygambermirasy1@gmail.com

Kuranwehadys@gmail.com



Başga-da kitap ýüklemek üçin: kuranwehadys.com

# SÖZBAŞY.

Hamd-senalar Allahadyr, Oňa hamd-senalar aýdýarys, Ondan kömek, dogry ýol soraýarys, bizi bagyşlamagyny dileýäris, nebislerimiziň şerinden we amallarymyzyň ýaramazyndan Allaha sygynýarys. Kimi Allah dogry ýola gönükdirse, onuň azaşdyryjysy ýokdur we kimi Allah azaşdyrsa onuň gönükdirijisi ýokdur. Hiç bir şärigi bolmadyk Allahdan başga (ybadata hakly) hiç bir ilähiň ýokdygyna şaýatlyk edýärin we Muhammediň Onuň gulydygyna we Resulydygyna şaýatlyk edýärin.

**“Eý, iman getirenler! Allahdan Oňa mynasyp görnüşde (çyn ýürekden) gorkuň (Oňa garşy çykmakdan saklanyň) we diňe musulman ýagdaýdan başga halda jan bermäň!”** (Äli-Imran 102)

**“Eý, ynsanlar! Sizi ýeke-täk bir jandan (Adam atadan) ýaradan, ondan hem aýalyny (How enäni) ýaradyp, ol ikisinden bolsa, ençeme erkekleri we aýallary köpelden Perwerdigäriňize garşy çykmakdan saklanyň! Onuň (Allahyň ady) bilen biri-biriňizden soran wagtyňyz, Allaha (hormat goýmazlykdan) we öz araňyzdaky garyndaşlyk gatnaşyklaryny (saklamazlykdan) gorkuň! Takyk, Allah siziň üstüňizden gözegçilik edip durandyr.”** (Nisa 1)

**“Eý, iman getirenler! Allahdan gorkuň we dogry sözläň! (Eger şeýle etseňiz) Allah siziň işleriňizi ugruna eder we günäleriňizi geçer. Kim Allaha we Onuň ilçisine tabyn bolsa, ol örän uly üstünlige ýeter.”** (Ahzab 70-71)

Sözleriň iň ýagşysy Allahyň Kitabydyr, ýollaryň iň dogrusy Muhammediň (Sallallahu aleýhi we sellem) ýoludyr, işleriň erbedi muhdesätdir (dine täze girizilen zatlardyr), ähli muhdesät bidgatdyr, ähli bidgat azaşmaklykdyr we ähli azaşmaklyk bolsa oda elter.

Soňra:

Allahyň bu ymmata peşgeş eden iň beýik nygmatlary - kitaplarynyň iň haýyrlysyny indermegi, ýaradylanlaryň iň gowusyny ibermegi, adamlar üçin (biziň ymmatymyzy) iň haýyrly ymmat etmegi, ol ymmat üçin Öz Keremli Kitabyny we Resulynyň sünnetini gorap saklamagydyr. Ol ikisi bu diniň aslydyr, päk gözbaşydyr, betpälleriň elleri olara hiç haçan ýetmez (ýagny, Kuran we Sünneti hiç kim üýtgedip, ýok edip bilmez).

Soňra Allah sahabalary, tabygynlary we olara hakykatdanam eýerenleri göni ýola salyp, dogry ugurdan alyp gidendir, hyjuw-höwesden we heläkçilikden daşlaşdyrandyr, olaryň ilkinji aladalary - Kitap we Sünnete düşünip, olara ýapyşmakdy, şol ýoldan ýöremekdi.

Soňra Allah her asyrda Kitap we Sünnete çagyrýan alymlary çykarýandyr, ol alymlar Kitap we Sünnete esaslanyp, şirkleriň we butparazlygyň kirlerini, bidgat tümlüklerini we toslamalaryny ýok edýärler, ol alymlaryň hataryna 4 ymam hem girýär: **Ebu Hanyfa, Mälik, Şäfigy, Ahmet**. Olaryň hemmesi Kitap we Sünnete ýapyşmaklygyň, olara dolanmaklygyň wajyplygyna ylalaşandyrlar, Kuran we Sünnete ters gelen hemme zatlary terk etmelidigi babatynda ymamlaryň hemmesi bir pikirdedir, Ymam Ebu Hanyfa şeýle diýdi: **"Hadys sahyh (dürs, anyk ýollar bilen gelen) bolsa, ol meniň mezhebimdir."** (Haşiýe Ibn Abidin)

**"Tä nireden aýdanymy bilýänçä (ýagny, delilimi öwrenýänçä) meniň kitaplaryndaky fetwam (garaýşym, pikirim, çözgüdim) bilen fetwa bermek halal däldir."** (El-Intiko Ibn Abd El-Birr)

Bu bolsa Ymam Mäligiň sözi: **"Men beşerdirin (adamdyryn), ýalňyşýanam, dogry çykýanam, şonuň üçin meniň pikirime (fetwama) serediň, Kitap we Sünnete gabat gelenini alyň, Kitap we Sünnete gabat gelmedigini taşlaň"** (Iýkoz El-Himem)

Ymam Şäfigy aýtdy: **"Haçanda meniň kitabymda Allahyň Resulynyň Sünnetine ters zat tapsaňyz, Allahyň Resulynyň sünneti boýunça sözläň we meniň sözümi taşlaň!"** (Menäkyb Eş-Şäfigy)

Ymam Ahmet aýtdy: **"Allahyň Resulynyň hadysyny ret eden heläkçiligiň gyrasyndadyr"** (Şerh Usul Igtikod Ehli-Sünne wel-Jemaga)

**"Maňa taklid etmäň (kör bolup yza düşmäň), Mälige-de, Şäfigy-da, Ewzägy-da, Sewrä-de taklid etmäň, olaryň alan ýerinden alyň (ýagny, olaryň delillerinden alyň)."** (Mesäil Ebi Dawud)

Ynha ymamlaryň sözleri şeýledir, olar Sünnete ýapyşmaklygy buýrup, oňa ters gelmekligi gadagan edendirler. Muňa garamazdan käbir adamlar ol ymamlara tagassub etdiler (milletçileriň bir millete milletparazlyk edişleri ýaly, şol ymamlara mezhebparazlyk etdiler), hasam Ymam Ebu Hanyfa etdiler, hatda oňa pygamber-ilçileriň derejesine golaý dereje berdiler, (hatda) **"Töwratda onuň buşlugy bar"**(Menäkyb Ebi Hanyfa, El-Mekki) diýdiler, **"Muhammet pygamber onuň adyny agzap, ymmatyň çyragy diýdi"** diýdiler (ol hadysa Hatyb Bagdady "Tärih Bagdad" kitabynda mowzug (düzülen) diýdi).

Ony öwmekde çenden aşdylar, mertebesini taryplap öte geçdiler, oňa tagassub etdiler. Emma başgalar tersine, ony ýazgardylar: **"Dini bozuk, dogry ýoldan çykan"** diýdiler, **"Yslamda ondan betbagt hiç kim dogulmandy"** diýip ýamanladylar. Adamlaryň Ymam Ebu Hanyfa barada iki garaýşy bolany üçin, onuň akydasyny öwrenmekligi makul bildim, onuň akydasy bilen onuň yzyna düşýänleriň akydasyny deňemegi gerekli saýdym, göreliň, onuň akydadaky esaslaryna edil şahalara (fykh meselelerine) eýerişleri ýaly eýerýärlermi.

Bu mowzugyň ähmiýeti, ony saýlap almaklygyň sebäpleri:

1) Ymam Ebu Hanyfanyň Yslam äleminde ylmy derejesi, döredijilikleriň meşhurlygy şol sanda akyda (ynanç) baradaky kitaplary.

2) Şahalarda (ýagny, fykhda) onuň mezhebinde ýöreýän Yslamy Ylmy Guramalaryň we musulmanlaryň köplügi.

3) Käbir toparlaryň oňa özlerini ýöňkemegi, onuň akydasynda diýip dawa etmekleri, meselem: Mäturiýdiler, Mugteziliļer, käbir sopular, şol wagtyň özünde olar Ymam Ebu Hanyfanyň akydasynyň tersidirler.

4) Ymam Ebu Hanyfanyň (Allah oňa rehmet etsin) akydasynyň dürs görnüşini ýüze çykarmak, çünki, onuň aýtmadyk sözlerini oňa ýöňkediler, mezhebi däl zatlary, aýdanlygy anyk däl zatlary oňa ýapdylar (ýöňkediler), şeýle hem, onuň we onuň yzyna düşenleriň akydasyny deňemek.

# YMAM EBU HANYFANYŇ ÖMÜR BEÝANY.

**1. ŞAHSY HAÝATY.**

**2. YLMY HAÝATY.**

**3. DINIŇ ESASLARY HAKYNDAKY KITAPLARYNYŇ GYSGAÇA BEÝANY.**

## 1. Şahsy haýaty.

**1) Ady we asly.**
**a) Ady:** Nugman ibn Säbit ibn Zutoý El-Hazzäz El-Kufiý.

**b) Nisbesi (ýöňkelýän atlary):** El-Hazzäz - egin-eşik tikýänçi, satýançy diýmek, El-Kufiý - Kufaly diýmek, ýagny, onuň watany, doglan, önüp-ösen ýeri Kufa şäheri. Şeýle hem oňa Et-Teými diýýärler, çünki onuň atasy Zutoý şol tiräniň mewlasy bolan.

**ç) Kunýesi:** Ebu Hanyfa, hemme ömür beýan çeşmelerinde onuň kunýesi şeýledir.

**2) Eneden dogulşy we doglan ýeri:**
Ymam Ebu Hanyfa 80-nji hijri ýylynda Kufa şäherinde eneden dogulýar, Abdulmelik ibn Merwan atly häkimiň döwründe.

**3) Onuň önüp-ösüşi we wasplary:**
**a) Önüp-ösüşi:** Ymam Ebu Hanyfa (Allah oňa rehmet etsin) Kufada doguldy, ýaşlygyny ol ýerde geçirdi, başda ol egin-eşik täjiri bolup işlän, onuň Omar ibn Hureýs atly kişiniň jaýynda belli dükany bar ekeni, ol özüniň ynamdarlygy, aldawa salmaýanlygy bilen meşhur ekeni, hiç kimi aldamaz ekeni, hatda egin-eşik meýdanynda tikinçileriň ýanynda öz işine belet diýip tanalýardy, soňra onuň söwdasy giňelip, ösüp gidipdi, hatda ol egin-eşik tikýän kärhana açypdy, onuň işgärleri, ussalary bardy.

**b) Wasplary:**

**1 - Daşky keşbi, häsiýetleri:** Ymam Ebu Hanyfa dilewar, şirin sözlüdi, iň çeper dilli, iň süýji äheňli adamdy. Okuwçysy Ebu Ýusuf ony şeýle taryplady: **“Ebu Hanyfa orta boýludy, gysga-da däl, uzynam däldi, iň çeper dilli, iň süýji äheňli adamdy, islän zadyny iň düşnükli açyklap bilýän adamdy”** (Tärih Bagdad)

Omar ibn Hammad aýtdy: **"Ebu Hanyfa garaýagyzrakdy, gözel geýimli, owadan keşplidi, köp atyr çalnardy, hatda öýünden çykanda ýa girende ony görmezden atyryň ysyndan ony tanap bolýardy."** (Tärih Bagdad)

Okuwçysy Abdullah ibn Mubarak şeýle diýdi: **"Ol gözel syratlydy, gözel ýüzli, gözel geýimlidi."** (Ahbar Ebi Hanyfa we ashabihi, Samiýri)

Ebu Nagyým Fazl ibn Dekin ony taryplap aýtdy: **"Ebu Hanyfa gözel ýüzli, geýimli, aýakgaplydy, töweregindäki hemmelere köp ýagşylyk, ýardam edýärdi."** (Ahbar Ebi Hanyfa we ashabihi, Samiýri)

**2 - Ahlak wasplary:** Ahlak taýdan ol örän takwa, juda dindar adamdy, Allahyň haram eden zatlaryndan juda gaça durýardy, beýlekilerem gaça duruzýardy, zähid adamdy (hyrsydünýä däldi), oňa dünýälikden näçe mal-mülk hödürlense-de ony arka ýüzüne taşlardy, kazy ýa gazna işçisi bolmagy üçin ol gamçylanyp azap çekdi, ýöne şonda-da kabul etmedi. (Ahbar Ebi Hanyfa we ashabihi, Samiýri)

Ol wezipeleri kabul etmezliginiň sebäbi, höküm edende zulum etmekden, nähak çözgüt çykarmakdan aňrybaş derejede Allahdan gorkusy bardy, şeýle hem, ol döwürde-de wezirler, uly wezipeli işgärler kazyýete ýüz tutýardylar, belkem adalatly bolup bilmerin gorkusy sebäpli wezipeden boýun gaçyrandyr.

Ymam Ebu Hanyfa köp ybadat edýän ekeni, gije namazlary uzak wagtlap berjaý edýän ekeni. Eli açyk, jomart sahy adam ekeni, ol edil öz ekleýänlerine sowuşy ýaly alymlara sowar ekeni, nähili geýim, nähili ir-iýmit öz golastyndakylara alanda, edil şolar ýaly beýleki alymlara alar ekeni. Şerik atly alym aýtdy: **"Ebu Hanyfa öz öwredýänlerine (okuwçylaryna) sabyr ederdi, garyp bolsa, kömek ederdi, oňa we maşgalasyna ylym alar ýaly harç ederdi, ylym alansoň aýdardy: “Halal-haramy öwrenip iň uly baýlyga ýetdiň.”"** (Ahbar Ebi Hanyfa we ashabihi, Samiýri)

Fuzeýl ibn Ýýýad aýtdy: **"Ymam Ebu Hanyfa az sözli, köp işleri bilen, ylma we ylym eýelerine hormaty bilen meşhurdy, bellidi."** (Ahbar Ebi Hanyfa we ashabihi, Samiýri)

Haçanda Harun Raşid Ebu Ýusufdan Ebu Hanyfaň tarypyny soranda, Ebu Ýusuf şeýle diýdi: **"Allah aýatda aýdýar: "Onuň (ynsanyň) aýdýan (ähli) sözlerini (hökman) ýazýan (ýörite bellenilen) berk gözegçi (perişde) bardyr."**(Kof 18) **(Ýagny, ol şu aýata görä ýaşaýardy) Ol hemmeleriň dilindedi, meniň Ebu Hanyfany tanaýşym, Allahyň haram eden zatlaryny juda gadagan ederdi, Allahyň dininde bilmeýän zadyny aýtmakdan gaty çekinerdi. Allahdan boýun gaçyrman boýun bolsalar gowy görerdi, zamanyndaky dünýäparaz kişilerden daş durardy, ol ugurdan ýaryşmazdy, uzak wagtlap dymyp gezerdi, elmydama pikir içindedi, giň ylymlydy, ýaňra, köp geplegen däldi, eger bir mesele sorasalar ylmy bolsa bileni, eşideni bilen jogap bererdi, ýogsa-da haka kyýas edip (deňäp) şoňa eýererdi, şeýdip özüni we dinini gorardy, ylym we mal ýaýradardy, adamlardan hiç kime mätäç däldi, tamakinlige gyşarmazdy, gybatdan uzakdy, hiç kimi haýyrdan başgasy bilen ýatlamazdy."** Harun Raşid aýtdy:**"Bu salyhlaryň ahlagy"** (Ahbar Ebi Hanyfa we ashabihi, Samiýri).

**4) Aradan çykyşy:**

Şagban aýynyň ortaky gijesinde 150-nji hijri ýylynda 70 ýaşynda Ymam Ebu Hanyfa aradan çykýar (Allah oňa rehmet etsin), ol Bagdaddaky Haýzeron atly mazarystanynda jaýlanýar. Gynansakda, onuň gabry entegem gupbaly, ol gök farfordan düşelen, onuň gapdalynda metjit bar, onda jemagat we jumga namazlar okalýar, onuň howlusynda adamlar baýramçylykda, dini möwsümlerde jemlenşýärler. Aslynda bu Ymam Ebu Hanyfanyň akydasyna tersdir, **"Ony tagzymlaýarys"** diýip dawa edýänler onuň ýolunda däldirler, çünki, ol gabra bir zat bina edilmegi, ýa bir alamat goýulmagy ol haram saýandyr(1), ol şu hadysa eýerendir: **"Jäbir aýtdy: Gabra suwag etmegi, onuň üstünde oturmagy, üstüne bina salmagy Allahyň Resuly gadagan edendir."** (Muslim)

(1) Haram saýany şu kitaplarda ýazykdyr- Bedäig-sanaig, Tuhfetul-fukoha

## 2. Ylmy haýaty.

**1) Ymamyň ylym taýdan ösüşi:** Ymam Ebu Hanyfa ýaşlygynda Enes ibn Mälik, Abdullah ibn Ebi Ewfa ýaly käbir sahabalaryň döwründe ýaşan, ýöne ýetginjek wagty ony olaryň ýanyna gönükdirer ýaly hiç kim tapylmandyr, egin-eşik söwdasyna üns berip, şol ugurdan ösüpdi, hatda onuň egin-eşik tikýän uly jaýy bar ekeni, işgärleri ussalary bar ekeni. Ol tä Allah oňa Ymam Şagbyny ugradýança şu halda bolýar, ol ony ylym almaga höweslendirýär, Ymam Ebu Hanyfanyň özi gürrüň berýär:

**"Şagby otyrka onuň ýanyndan geçip barýardym, çagyryp şeýle diýdi:**

**-kimiň ýanyna gatnaýarsyň?**

**-Bazara gatnaýaryn.**

**-Bazara däl, alymlara gatnamagy göz öňümde tutdum.**

**-Men olara az gatnaýaryn.**

**-Beýtme, sen ylma nazar salmaly, alymlar bilen oturyşmaly, çünki, men sende düşgürlik, hereket görýärin.**

**Onuň bu sözleri ýüregime jüňk boldy, şeýdip, bazara gatnamamy taşlap, ylym alyp başladym, Allah onuň sözi bilen maňa peýda berdi."**
(Menakyb Ebi Hanyfa, El-Mekki)

**2) Şeýhlary, mugallymlary:** Onuň 50-den gowrak şeýhlary bardy, olaryň käbirleri: Katada ibn Dagama Es-Sedusi, Muhammet ibn Mundeker, Näfig Mewla ibn Omar, Hammad ibn Ebi Suleýmän, Şagbyý, Ato Ibn Ebi Rubah, Ykryme Mewlä Ibn Abbas, Alkama, Ebu Jagfer Muhammet ibn Aly ibn Huseýn ibn Aly ibn Ebu Tolyb, Zuhriý, Hişäm bin Urwe we başgalar

**3) Okuwçylary:** Ymam Ebu Hanyfadan gaty köp adam ylym alan, onuň iň belli okuwçylarynyň sany 70-e baran, iň meşhur okuwçylary:

<u>1- Abdullah ibn Mubarak ibn Wazyh El-Hanzoli,</u> Ymam Zehebi ol barada şeýle diýdi: **"Öz zamanasynyň alymy, ymamy, şeýhul-islamy. Öz wagtyndaky takwalaryň emiri, Ebu Abdirrahman El-Hanzoli, olaryň**

**Türki mewlasy, soňra Merwezi Hafiz Gazy, iň görnükli adamlaryň biri."** (Siýeru aglämin-nubelä)

2- Ebu Ýusuf Ýakup ibn Ibrohim El-Kazy, ol barada Talha ibn Muhammetibn Jagfer şeýle diýdi: **"Ebu Ýusuf Ebu Hanyfanyň meşhur okuwçysy, fazl eýesidir, fykh ylmynda öz asyrynyň iň ökdesi, onuň öňüne hiç kim geçen däldir, ol ylymda, höküm etmekde, ýolbaşçylyk etmekde hem-de mertebe taýdan aňrybaş derejededi. Ebu Hanyfanyň mezhebine görä usul-fykh ylmy barada ilkinji kitap ýazyp, meseleleri geçirip ýaýradan oldur, dünýäniň ähli künjeklerine Ebu Hanyfanyň ylmyny ýaýanam oldur."** (Tärih Bagdad)

3- Muhammetibn El-Hasan ibn Ferkad Eş-Şeýbäni, Ymam Zehebi ol barada aýtdy: **"Allame (aňrybaş derejedäki alym), Yragyň fakyhy (fykh alymy), Ebu Abdillah Eş-Şeýbäni El-Kufiý, Ebu Hanyfanyň okuwçysy, Wäsyt (diýilýän ýerde) dogulan, Kufa (şäherinde) önüp-ösen, Ebu Hanyfadan käbir fykh ylmyny öwrenip, onuň yzyny Kazy Ebu Ýusufdan alyp dolduran, Raşidiň (döwründäki) kazylyk orny Ebu Ýusufdan soň alan, ol fykh ylmynda deňiz ýalydy, hatda onuň zehinine mysallar berilýärdi."** (Siýeru aglämin-nubelä)

4- Zufer ibn Huzeýl ibn Kaýs El-Anberiý, Ymam Zehebi ol barada aýtdy: **"Allame, Rabbani Mujtehid, fakyh... ol fykh deňizleriniň biri, Ebu Hanyfadan fykh ylmyny öwrendi, ol okuwçylaryň iň ulusydyr, ol ylym we amaly bilelikde jemlänleriň biridi, ol hadys ylmyny hem gowy bilerdi, hadyslary habar bererdi."** (Siýeru aglämin-nubelä)

5- Hasan ibn Ziýad El-Lulu-i, Ymam Zehebi ol barada aýtdy: **“Allame, Yragyň fakyhy... Pikirde saýlanýan ýiti zehinlileriň biridi, Hafs ibn Gyýasdan soň Kazy boldy, soňra özüni ol wezipeden aýyrdy”**

**4) Ymam Ebu Hanyfanyň ylmy derejesi, alymlaryň ol baradaky sözleri:**

**a) Ylmy derejesi:** Ymam Ebu Hanyfa (Allah oňa rehmet etsin) şerigat ylymlaryny doly derejede alyp, köp wagtyny sarp ederdi, gaty ökdeligi, juda ýitiligi bilen tanalýardy, müfti bolmana, mugallym bolmana, özüne gelip gowuşýan inçe meseleleri çözmäne aýratyn başarjaňlygy bardy.

Bu ylymlardan daşary Ebu Hanyfa kelam (pelsepe) we jedel ylymlaryny hem bilýärdi, çünki ol döwürde Kufada her hili toparlar ýüze çykýardy, akyda meselesinde dawalar edilýärdi. Şol sebäpli, Ymam[1] ilkinji ylym alyp ugranda kelam (pelsepe) ylmyna üns berdi, ol ylymda ussat bolup, ökdeligi juda tanymal boldy. Ol ylym üstünde jedel ederdi, ol ylmy gorardy, Basra şäherine çekeleşik etmek üçin giderdi. Kabyýsa ibn Ukbe aýtdy: **"Ymam Ebu Hanyfa başda haý-höwese eýerýänler (bidgatçylar) bilen jedel ederdi, hatda bu işde tanymal baş bolupdy, soňra jedeli taşlap Fykh we Sünnete dolandy we ymamlyk mertebä ýetdi."** (Menäkyb Ebi Hanyfa El-Mekki)

**Fykhdaky orny:** Ebu Hanyfa ýokarda agzap geçişimiz ýaly iň belli fykh we hadys alymlaryndan ylym alandyr, ol alymlar öz döwrüniň fykh ymamlarydyr. Mundan daşary ymamyň öz ýitiligi, zehini onuň fykh ylmynda öz döwründe deňi-taýy bolmadyk alym bolmagyna ýardam berendir, Ymam Şäfigy şeýle diýdi:**"Kim fykhy tanamak islese, Ebu Hanyfa we onuň okuwçylarynyň ýanyndan aýrylmasyn, çünki hemme adamlar fykhda oňa baglydyrlar."** (Tärih Bagdad)

Abdullah ibn Mubarak aýtdy: **"Ebu Hanyfa iň fakyh adamdyr (fykhda iň güýçli adam)"** (Siýeru aglämin-nubelä)

Hafs ibn Goýýas aýtdy: **"Ebu Hanyfanyň fykh baradaky sözleri gyldan inçedir."** (Siýeru aglämin-nubelä)

Şeýlelik bilen, Ymam Ebu Hanyfanyň fykhda goýan täsiri, yzy örän beýikdir, onuň mezhebiniň ýaýramagyna sebäp bolan zatlaryň ýene biri - okuwçylarydyr, olar Allahyň ýardamy bilen Ebu Hanyfanyň mezhebindäki kitaplary ýazyp, olara görä sapak berip, müftilik edendirler, olaryň käbirleri kazy bolup, ilkinji asyrlarda mezhebiň ýaýramagyna itergi berendir. Abdulhaýý El-Leknewi aýtdy: **"Onuň iň meşhur okuwçysy Ebu Ýusufdy, Harun Raşidiň döwründe kazylaryň kazysy wezipesini eýeläp, Yragyň künjeklerinde we Mäwero-ennehr (deňiziň arkasyndaky) ýurtlarda mezhebiň ýaýramagyna sebäp bolandyr."** (Näfig Kebir mukoddime jämig sagyr)

Ynha bu Ebu Hanyfanyň fykhdaky derejesidir.

---

(1) Ýagny, Ymam Ebu Hanyfa

**Hadysdaky orny**: Ebu Hanyfa hadys ylmyny almak üçin köp alymlaryň ýanyna sapara çykandyr, ýöne muňa garamazdan onuň habar beren hadyslary azdyr, Munuň birnäçe sebäpleri bar:

- Ymam Ebu Hanyfa şeýle garaýyşda ekeni: **“Hadys habar berýän kişiniň diňe ýatkeşliginden habar beren hadysy dürsdür”** (Ulum hadys)

**- Ol köp wagtyny delillerden höküm çykarmak bilen geçirerdi, aýat-hadyslardan netije çykarmak bilen meşgullanardy.** (Ukud eljeman)

Şu zatlar sebäpli Ymamyň öz hadys kitaby ýokdur, ýöne soňkular "Musned" kitap çykardylar, dogrusy ol kitapda anyk däl, sahyh däl hadyslar köpdür. (Tenkil)

Ibn Hajer aýtdy: **"Ebu Hanyfanyň Musnedi atly kitaby Ebu Hanyfa jemländir (ýazandyr) öýdülýär, aslynda beýle däldir, Ebu Hanyfanyň özüniň hadys ýygyndysy Kitäbul-Äsär atly kitapdyr, ol hadyslary Muhammet ibn Hasan Ebu Hanyfadan habar berýändir, mundan başga-da Muhammet ibn Hasanyň we Ebu Ýusufyň Ebu Hanyfadan habar beren hadys kitaplary bardyr."** (Tagjil Menfaga)

Hadys ylmynda **"Jerh we tagdil"** diýip bölüm bar, ýagny, hadysy habar berýänleriň hal-ahwalyny (ýalançymy, dogruçylmy, ýatkeşligi gowumy, gowşakmy) öwrenýän ylym. Bu ylymda Ymam Ebu Hanyfanyň kitaby ýokdur, emma käbir habarçylar barada aýdan sözleri bardyr.

Şeýle hem onuň hadys ylmynyň esaslary hakynda käbir aýdanlary bardyr.

Käbir hadys alymlary (Ýahýa ibn Magyn, Aly ibn Medini, Şugbe ibn Hajjaj) Ebu Hanyfany hadys habarçy hökmünde kabul edip, onuň habar beren hadyslaryny dogry hasapladylar, käbirleri bolsa (Buhary, Muslim, ibn Saad, Nesai, Ibn Hybban, ibn Adiý) onuň habarlaryny zagyf (anyk däl) hasapladylar. Bu barada Ymam Zehebi şeýle diýdi: **"Ymamyň aladasy (hadys ylmyndaky) sözleri we senedleri (habarçylaryň zynjyryny) öwrenip, sazlamak däldi, onuň bar aladasy Kuran we fykhdy, bir ugurdan giden beýleki alymlar hem şeýledir"** (Menäkyb Ebi Hanyfa we sohibeýhi, Zehebi)

**b) Ol barada alymlaryň sözleri:**

1 - Fuzeýl ibn Ýýýaz aýtdy: **"Ebu Hanyfa fakyh adamdy, fykhda tanymal, takwalykda görnükli kişidi, pul taýdan gurpludy, özünden töweregindäkileri üstün görerdi, gije-gündiz ylym öwredende sabyrlydy, köplenç dymyp gezerdi, az gürlärdi"** (Tärih Bagdad)

2 - Ibn Jureýj aýtdy: **"Kufanyň fakyhy, Nugman hakynda eşitdim, onuň juda takwa, dinini we ylmyny goraýan kişidigini eşitdim, dünýe eýeleri ahyret eýelerine täsir etmezler."** (Ahbar Ebi Hanyfa we ashabihi)

3 - Ahmet  ibn Hanbel aýtdy: **"Onuň ylmy, takwalygy, zuhdy, ahyreti üstün tutmasy (beýik) orundadyr, Ebu Jagfer El-Mansuryň (buýrugy bilen) kazylyga geçmegi üçin gamçy bilen urulypdy, (şonda-da) geçmedi, Allah oňa rehmet etsin."** (Ukud El-Jeman)

4 - Şugbe ibn Hajjaj onuň aýrylanyny eşidip aýtdy: **"Onuň bilen Kufanyň fykhy gitdi, Allah bize we oňa rehmet etsin."** (Intiko)

5 - Ebu Dawud Sijistäni aýtdy: **"Mälige Allah rehmet etsin, (hakykatdanam) ol ymamdy, Şäfiga Allah rehmet etsin, (hakykatdanam) ol ymamdy, Ebu Hanyfa Allah rehmet etsin, (hakykatdanam) ol ymamdy."** (Intiko)

6 - Ibn Abdil-Birr aýtdy: **"Ol fykhda ymamdy, pikiri we kyýasy (deňetmesi) ajaýypdy, inçe (syrlary) çykarmakda ussatdy, gowy zehinli düşgürdi, ýiti akylly takwa kişidi."** (Istigna)

7 - Şeýhul-Isläm ibn Teýmiýýe aýtdy: **"Adamlar köp zatlarda Ebu Hanyfany goldamasalaram, inkär etselerem, onuň fykhynda, düşgürliginde we ylmynda hiç kimiň şeki ýokdur."** (Minhäj Sünne)

8 - Zehebi aýtdy: **"Ol takwa, alym adamdy, belent mertebeli ybadathon ymamdy, soltanlaryň sowgatlaryny kabul etmezdi."** (Tezkirot Hyfaz)

## 3. Diniň esaslary hakyndaky kitaplarynyň gysgaça beýany.

**Ymam Ebu Hanyfa şu kitaplar ýöňkelýär:**

1 - El-Fykh El-Ekber Hammad ibn Ebi Hanyfanyň rowaýaty boýunça.

2 - El-Fykh El-Ekber Ebu Mutyýg El-Belhyň rowaýaty boýunça, muňa El-Fykh El-Ebsat hem diýilýär.

3 - El-Aalim Wel Mute-allim Ebu Mukotil Samarkandyň rowaýaty boýunça.

4 - Ebu Hanyfanyň Osman ibn El-Betti atly bir kişä haty, Ebu Ýusufyň rowaýaty boýunça.

5 - Wasyýýe Ebu Ýusufyň rowaýaty boýunça.

Bu kitaplaryň bir-birden sahyhlygyny derňäliň, hakykatdanam olary Ymamyň özi ýazdymyka ýa ýazanlygy anyk dälmikä?

1 - El-Fykh El-Ekber Hammad ibn Ebi Hanyfanyň rowaýaty boýunça.

Bu kitap öz içine diniň esasy meselelerini alýar: Allahyň wasplary, iman, takdyr, pygamberlik, gaýtadan direliş. Hemme zat düşnükli ýeňil dilde beýan edilen. Bu kitap uly meşhurlygy gazandy, ony şerh (açyklama) edenleriň sany 15-a bardy.

2 - El-Fykh El-Ekber Ebu Mutyýg El-Belhyň rowaýaty boýunça, muňa El-Fykh El-Ebsat hem diýilýär.

Aslynda bu Ebu Hanyfanyň öz ýazan kitaby däldir, has dogrusy bu kitapda onuň sözlerini, jogaplaryny okuwçysy Ebu Mutyýg ýygnandyr, Ymam Zehebi ol barada agzanda şeýle diýdi: **"Ol (Ebu Mutyýg) El-Fykh El-Ekber kitabyň eýesi."**(El-Uluww) Şeýle hem, El-Leknewi aýtdy: **"Ebu Mutyýg El-Belhi Ebu Hanyfanyň okuwçysy, El-Fykh El-Ekber kitabynyň eýesidir."** (El-Fewäid El-Behiýe)

3 - El-Aalim Wel Mute-allim Ebu Mukotil Samarkandyň rowaýaty boýunça.

Bu kitap hem sorag-jogapdan ybaratdyr, soraglary beren okuwçysy Ebu Mukotil. Kitabyň gysgaça mazmuny: ylym we amal, kelam ylmynyň ähmiýeti, şerigat we din. Ýöne belläp geçmeli zat: Bu kitapda käbir zatlar Ymam Ebu Hanyfanyň akydasyna ters gelýär:

a) Kelam ylmyny (pelsepäni) tagzym etmegi, ony öwrenmekligiň zerurlygyny beýan etmegi.

b) Akyda meselelerinde kyýas (deňeşdirme) ulanmagy.

ç) Hakyky irja akydasyny ykrar etmegi, bu kitapda Ebu Hanyfa şeýle diýdi diýip gelýär: **"Kim kalby bilen iman getirse, dilinde aýtmasa-da ol Allahyň ýanynda mömindir."**

d) Hem-de şu sözi: **"Irjanyň asly perişdeler tarapyndandyr."**

Şu zatlar sebäpli, bu kitap Ymam Ebu Hanyfanyňky däldir, munuň beýle däldigini Suleýmany we ibn Hajer tassyklandyrlar. (Lisän miýzan- kitaba seret)

4 - Ebu Hanyfanyň Osman ibn El-Betti atly bir kişä haty, Ebu Ýusufyň rowaýaty boýunça.

Ymam Ebu Hanyfa bu haty Basra şäheriň ol döwründäki kazysyna Osman El-Betti atly kazysyna ýazandyr, ol haty Osmanyň hatynyň jogaby hökmünde ýazan, Osman ol hatynda ymamyň pikiriniň murjie topary bilen deň gelýänini agzaýar, bu Ymama agyr gelýär, özüniň ol topara degişli däldigini beýan edip oňa jogap hat ýazýar.

5 - Wasyýýe Ebu Ýusufyň rowaýaty boýunça.

Bu kiçi kitapça şu zatlardan ybaratdyr: din esaslarynyň meseleleri, iman, takdyr, Kuran, we ş.m.

Şeýlelik bilen, netije hökmünde aýdýarys: hadys alymlaryň islendik bir habary, rowaýaty anyklaýan ýoly bar, şol habar sahyhmy, dogry ýollar bilen gelenmi ýa ýok. Eger şu ýol bilen ymam Ebu Hanyfa ýöňkelýän kitaplary anyklamak islesek, onda ol kitaplaryň birisi hem dürs, anyk ýollar bilen gelen däldir, şonuň üçin bu kitaplar ymamyň kitaby diýip şeksiz aýdyp bilmeris. Goşmaça aýtsak, käbir hanafi alymlar, meselem: Zubeýdi, Ebul-Haýr Hanafi ol kitaplaryň gönümel Ebu Hanyfaňky däl diýdiler, olary okuwçylary ýazandyr diýdiler.

Özlerini Ebu Hanyfanyň mezhebine ýöňkeýän käbir kişiler öz mezhebini üstün çykarmak üçin sözleri üýtgedýärler, hatda pygamber aýtdy diýip özlerinden hadys düzýärler, olaryň birisi - Useýýid ibn Amr Ebu Munzir El-Bejli.

Ibn Hybban ol barada şeýle diýdi: **"Ondan Ebu Hanyfanyň okuwçylary rowaýat ederdiler, hadyslary öz mezhebine görä sazlardy."** (El-Mejruhyn)

Şu zatlar sebäpli, Tahawy atly hanafi mezhebindäki alymyň akyda barada ýazan kitapçasy iň dogry hasaplanylýar, Ebu Hanyfanyň we onuň okuwçylarynyň akydasyny beýan edýän iň dürs, iň anyk çeşme şu kitapdyr, hanafi mezhebiniň, ýagny, hakyky hanafi mezhebiniň akydasyny açyklaýan iň dogry kitap budur.

Ýöne El-Fykh El-Ekber Hammad ibn Ebi Hanyfanyň rowaýaty boýunça, Ebu Hanyfanyň Osman ibn El-Betti atly bir kişä haty, Wasyýýe Ebu Ýusufyň rowaýaty boýunça şu kitaplara hem azda, kän-de daýanarlyk bardyr, çünki olardaky zatlar Ymamyň akydasyna gabat gelýär, şeýle hem, ýyllar boýy köp alymlar ol kitaplara daýanandyr, olaryň meşhurlygy gaty giňdir.

# YMAM EBU HANYFANYŇ DINIŇ ESASLARYNY BEÝAN ETMEKDE TUTAN ÝOLY.

Bu bölümiň üç baby bar:

**1. EBU HANYFA GÖRÄ AKYDANYŇ ÇEŞMELERI.**

**2. BIDGAT BOLAN KELAM YLMY (PELSEPE) BARADAKY GARAÝŞY.**

**3. JEHMIÝÝE, MUGTEZILE, HAWARIJ ÝALY TOPARLARA BOLAN GARAÝŞY.**

## 1. Ebu Hanyfa görä akydanyň çeşmeleri.

Aslynda Yslam dininde hemme hökümleriň, meseleleriň çeşmesi, ähli çözgütleriň gözbaşy, şol sanda akyda ylmy, Kuran we Sünnetdir. Bu sahabalaryň, tabygynlaryň, şol sanda Ebu Hanyfanyň we olara hakykatdanam eýerenleriň ýoludyr. Bu babatda Ymamyň özi şeýle diýýär: **"(Hökümleri) Allahyň kitabyndan alýaryn, eger onda tapmasam Allahyň Resulynyň Sünnetinden, eger Allahyň kitabyndan tapmasam, Allahyň Resulynyň sünnetindenem tapmasam onuň sahabalarynyň sözüni alýaryn."** (Intiko)

**"Eger Allahyň kitabynda we Resulynyň Sünnetinde tapylmasa, sahabalaryň sözlerine seredýärin, olaryň sözlerinden başgalaryň sözlerine çykmaýaryn, eger (olarda-da tapylman) Ibrohim, Şagby, Ibn Sirin, Hasan, Ato, Said ibn Jubeýr ýalylara gezek gelse, olar ijtihad kowmy, menem olar ýaly ijtihad ederin."** (Intiko)

Ýagny, islendik zada halal ýa haram diýmek üçin, ýa islendik hüküm çykarmak üçin hökman daýanylýan zat gerek, ýagny, delil, Ymam Ebu Hanyfanyň delil diýip tutýan zatlary, edil beýleki ymamlaryňky ýaly, şu tertipdedir:

Kuran soňra Sahyh Sünnet, soňra sahabalaryň sözleri, olaryň sözlerinden başgalaryňka çykmaz ekeni, çünki, sahabalar hyjuw-höwes, bidgat ýaly zatlardan päkdiler, niýet-pälleri sapdy.

Muňa garamazdan käbirleri ymam barada erbet habar ýaýradan, ýagny, Ymam pikiri, kyýasy (deňeşdirmäni) Sünnetden öňe geçirýär diýdiler, Ymam Allahyň Resulynyň hadyslaryna ters gelýär, magkuly (akyl bilen bilinýän zatlary) menkuldan (aýat-hadyslardan) öň tutýar diýip töhmet atdylar. Ymamyň özi bu töhmete şeýle jogap berýär: **"Allaha kasam bolsun, ýalandyr, biz delilden (aýat-hadysdan) öň kyýasy tutýarys diýip töhmet atdylar, delilden soňam kyýasa mätäçlik çekilermi."** (Miýzan Kubro)

**"Allahyň Kitaby, Resulynyň Sünneti, sahabalaryň ijmagy barka hiç kimiň öz pikiri bilen gürlemäge haky ýokdur."** (Ukud Jeman)

Bu töhmede jogap hökmünde ymam Ebu Hanyfa Muhammet ibn Aly ibn Huseýna (ýagny, pygamberimiziň ýowlugy) şeýle diýdi: **“Muny etmekden Allaha sygynýaryn.”**

Muhammet oňa aýtdy: **“Ýok, sen atamyň dinini we hadyslaryny kyýasa öwürdiň.”**

Ymam aýtdy: **“Öz hakly bolan ýeriňde otur, menem hakly ýerimde oturaýyn, çünki seniň ataňa (Sallallahu aleýhi we sellem) haýatynda sahabalaryň hormaty bolşy ýaly, meniň saňa hormatym bardyr.”** Soňra Ebu Hanyfa onuň öňünde dyzyna çöküp, şeýle diýdi: **“Men senden üç agyz söz isleýärin, maňa jogap ber:**

**- Erkek ejizmi ýa aýal?**

**- Aýal.**

**- Erkege (mirasdan) näçe paý, aýala näçe paý berilýär?**

**- Erkege iki, aýala bir paý.**

**- Bu ataň sözüdir, eger seniň ataň dinini öwren bolsam, kyýas edilen bolsa erkege bir, aýala iki paý berilerdi, sebäbi aýal erkekden ejizdir.**

**- Namaz üstün (amalmy) ýa roza?**

**- Namaz üstün.**

**- Bu atañ sözüdir, eger seniñ atañ dinini öwren bolsam, kyýas boýunça aýal-maşgala aýbaşy haldan päklenende namazynyñ kazasyny almagyny buýrardym, rozasynyñ däl.**

**- Siýdigiñ nejasady güýçlimi ýa dölüñ?**

**- Siýdigiñ.**

**- Eger atañ dinini kyýas bilen üýtgeden bolsam, peşew eden kişä gusul almagy, döl döken kişä täret almagy buýrardym, sebäbi siýdik dölden has hapadyr. Ýöne atañ dinini kyýas bilen üýtgetmekden Allaha sygynýaryn.”**

Soñ Ebu Jagfer (Muhammet ibn Aly) ýerinden turup ony gujaklady. (Menäkyb Ebi Hanyfa, El-Mekki)

Ibn Teýmiýýe aýtdy:**"Kim Ebu Hanyfa ýa musulmanlaryñ başga ymamlary: “Kyýas üçin sahyh hadysy bilgeşleýin taşladylar” diýip pikir etse, ol uly hata edendir, ol öz hyjuw-höwesine görä gürländir"** (Mejmuga Fetawa)

**Indiki mesele: Ebu Hanyfa hakykatdanam akyda babatynda diñe mutewätir hadyslara daýanýardymy?**

Ýagny, hadys ylmynda umumy hadyslar ikä bölünýär: mutewätir we ahad.

Mutewätir hadys - köpsanly ýol bilen gelen, ýalana dildüwüşmedik adamlaryñ habar beren hadysy.

Ahad hadys - mutewätir derejesine ýetmedik hadys.

Käbirleri Ymam Ebu Hanyfa mutewätir bolmadyk akyda baradaky hadyslary kabul etmedik diýýärler, bu hem ýalñyşdyr, muña Ymamyñ şu sözleri şaýatdyr: **"Haçanda pygamberimizden sahyh senedli hadys gelse, ony alýarys."** (Intiko)

**"Eger hadys sahyh bolsa, ol meniñ mezhebimdir."** (Haşiýet ibn Abidin)

**"Dejjalyň, Ýa'juj we Me'jujyň çykmasy, günüň günbatardan dogmasy, Ysa aleýhisselämiň asmandan inmesi, şeýle hem, beýleki sahyh habarlarda gelen kyýamat gününiň alamatlary hakdyr, hakykatdyr."** (El-Fykh El-Ekber)

Bu zatlar baradaky hadyslar Ymamyň döwründe mutewätir hasaplananokdy, çünki ol döwürde häzirki döwürdäki ýaly hadyslaryň jemlenen kitaplary ýokdy, Ymamyň bu sözi akydada diňe mutewätir hadyslara daýanýar sözüni puja çykarýar. Mundan daşary, Ymamdan şeýle diýip soraýarlar: **"Pygamberlerden başga birine: "Jenneti" diýip şaýat edýärsiňmi?"** Ymam aýtdy: **"Pygamberimiziň sahyh habarda: "Jenneti" diýip şaýatlyk edenine (menem şaýatlyk edýärin)."** (Akyda Tahawy, Taglik Elbani)

Ýagny, **"sahyh habarda"** diýdi, habarlarda diýmedi.

Tahawy aýtdy: **"Pygamberimizden sahyh bolup gelen hemme şerigat we beýan (hadyslary) hakdyr."** (Akyda Tahawy, Taglik Elbani)

Şeýle hem, Ymamyň okuwçylarynyň, Ebu Ýusufyň, Muhammet ibn Hasanyň ýoly hem şeýledir, Ebu Ýusuf şeýle diýýär: **"Allah saňa pygamberiniň her bir getiren zadyna iman etmekligiňi buýrandyr."** (Hujje fi beýäni mahajje, Temimi)

Ýagny, bärde Ebu Ýusuf aç-açan aýdandyr: **"her getiren zadyna"** diýdi, ýagny, mutewätir bolmagyny şert etmedi.

Muhammet ibn Hasan aýtdy: **"Bu (Allahyň wasplary hakyndaky) hadyslary habar berenler ynamdar kişilerdir, bizem olary habar berýäris we olara iman edýäris."** (Şerh usul igtikod ehli sünne wel jemaga)

Kuran we Hadysdan soň delil hökmünde ymam Ebu Hanyfa fytrata (adamyň tebigatyna) daýanar ekeni, sözleriniň birinde Allahyň ýokardalygyna fytraty delil hökmünde tutup, şeýle diýýär: **"Takyk, Allaha doga edilende ýokary doga edilýär, aşaga däl, çünki aşak Rububiýýäniň, Uluhiýýäniň waspyndan däldir."** (El-Fykh El-Ebsat)

## 2. Bidgat bolan kelam ylmy (pelsepe) baradaky garaýşy.

Ymam Ebu Hanyfa jedel, dawa-çekeleşik köp jemgyýetinde ýaşaýardy, ol döwürde Kufa her hili toparlaryň, dürli gatlaklaryň mekanydy. Şol sebäpli, Ymam başda ylym başlanda kelam (pelsepe) ylmy bilen meşgullandy, onuň üstünde jedel ederdi, ol ylmyň arkasyny alardy, entek fykh öwrenip başlamandy.

Ymamyň özi aýdýar: **"Basrada hyjuw-höwes eýeleri kändi, şonuň üçin oňa 20-den gowrak gezek bardym, belkem, bir ýyl töweregi ol ýerde galardym, çünki kelam ylmy (pelsepäni) iň beýik ylym saýardym."** (Menäkyb Ebi Hanyfa, Kerderi)

Soňra özüniň Fykh we Sünnete geçenini gürrüň berip şeýle diýýär: **"Kelam ylmyny iň üstün ylym saýardym, bu kelam diniň aslyndan diýerdim, ömrümden birnäçe wagt geçensoň özümi soraga çekip, pikirlendim, (özüme) aýtdym: "Pygamberimiziň sahabalaryndan, tabygynlardan we olara eýerenlerden sypyp, bize ýeten zatlar ýokdur (olara ýetmedik haýyr bize-de ýetmez), olar (kelam ylmyny almaly bolsa) has başarjaňdylar, has gowy bilerdiler, işleriň hakykatyny has gowy tanardylar, soňra olar özlerini çekeleşik-dawaçy, jedelçi orna goýmadylar, bu zatlara çümmediler, saklandylar, gaýtam ony aňrybaş derejede gadagan etdiler, olaryň şerigat, fykh baplary barada çuňňur kelamyny gördüm.......şu taryplan waspymyz bize aýan bolanda dawa-çekeleşigi, jedeli taşladyk, kelam ylmyna çümmekligi äpberdik we selefiň ýoluna dolandyk."** (Menäkyb Ebi Hanyfa, El-Mekki)

**"Şeýdip, kelamy taşlap, fykh bilen meşgullanyp başladym, kelam bilen meşgullanýanlary (pelsepeçileri) gördüm, olaryň häsiýetleri salyhlaryň häsiýetleri däldi, kalplary gaty, doňýürek närselerdi, Kitap, Sünnete we selef-salyha ters gitmekden çekinmeýärdiler, eger bu (ylym) haýyr bolsa selef-salyh onuň bilen meşgullanardy."** (Menäkyb Ebi Hanyfa, El-Kerderi)

Haçanda adamlar Ebu Hanyfadan kelam ylmy barada soranlarynda şeýle jogap berdi: **"Ol ylym pelsepeçileriň sözleri, saňa düşeni hadyslara we selefiň ýoluna eýermek, her bir muhdesden (dine täze girizilen zatdan) häzir bol, çünki ol bidgatdyr."** (Kitabul hujje fi beýanil mahajje)

Muhammetibn Hasan aýtdy: **"Ebu Hanyfa bizi fykha höweslendirerdi, kelam (ylmyndan) gaýtarardy."** (Zemmul kelam)

Ebu Ýusufa şeýle diýdi: **"Adamlara diniň esaslaryny öwredeňde kelam (ylmyny) goşmakdan häzir bol, çünki, olar saňa taklid edýän (gözlerini ýumup yzyňa düşýän) kowumdyr, şeýdip, onuň (kelam) bilen meşgullanarlar."** (Menäkyb Ebi Hanyfa, EL-Mekki)

Ebu Ýusuf aýtdy: **"Kelam ylmy zyndyklyga (dinden çykmaklyga) iterýär."** (Ibäne Kubro)

**"Kelam ylmyny bilmekligiň özi nadanlykdyr."** (Hujje fi beýani mahajje)

## 3. Jehmiýýe, mugtezile, hawarij ýaly toparlara bolan garaýşy.

Allah bize agzybirligi, jebisligi buýrup, agzalalykdan, bölünişikden gaýtarandyr: **"Eý, iman getirenler! Allahdan Oňa mynasyp görnüşde (çyn ýürekden) gorkuň we diňe musulman ýagdaýda jan beriň! Hemmäňiz bilelikde Allahyň ýüpüne (dinine) ykjam ýapyşyň, bölünişmäň! Allahyň özüňize beren nygmatlaryny ýatlaň! (Bir wagtlar) siz birek-birege duşmandyňyz, Ol (Allah) siziň kalplaryňyzyň arasyny birleşdirdi."** (AlyImran 102-103)

Sahabalaryň hemmesi bir akydada bolup, diniň asyl meselelerinde hiç agzala bolmadylar, megerem, käbir fykh-ijtihad meselelerinde käbir garaýyşlara bölündiler, emma bu bölünme esasynda olar toparlara bölünip, biri-birine at dakyşyp ýörmediler. Şeýle ýagdaý tä Osmanyň (Allah ondan razy bolsun) döwrüne çenli dowam etdi, haçanda azaşan pitne topary Osmana kast edenlerinde bölünişik başlady. Musulmanlaryň agzybirligini bozup, emire garşy ilkinji çykan topar hawarij toparydyr, olar Ala (Allah ondan razy bolsun) "Kapyr" diýdiler, soňra Alyny goldaýan şaýy topary döredi, olardan soň kadariýýe, murjie toparlary peýda boldular, olardan soň jehmiýýe, soň mugtezile toparlary döredi.

Ymam Ebu Hanyfanyň bu toparlar baradaky garaýşyny bir-birden öwreneliň.

**a) Hawarijlar.**

Hawarijlar Aly Ibn Ebi Talyba garşy çykan topar, olar musulmanlary günä sebäpli kapyra çykarýan kowumdyr, günä edip ölen musulmandan miras almazdylar, musulmanlaryň mazarystanda jaýlamazdylar: “Olar jähennemde ömürlik galarlar” diýip hasap ederdiler. Olar adamlary ikä bölerdiler: günäsiz musulman, sogapsyz kapyr, şek-şübhesiz bu ýalňyşdyr, çünki Allah aýatda üç synpa bölýär: **"Soň bolsa Biz kitaby bendelerimiziň arasyndan saýlap-seçenlerimize berdik. Olardan özlerine zulum edenler (käbir günä işlere bulaşanlar), ortaça bolanlar (parz amallary ýerine ýetirip, haram işlerden gaça duranlar) we Allahyň ygtyýar bermegi bilen haýyrly işlerde öňe geçmek üçin ýaryşýanlar hem bardyr. Ine, bu bolsa örän uly pazly-keremdir (artykmaçlykdyr)."** (Fatyr 32).

Ymam Ebu Hanyfa bu toparyň garaýşyna ret edip aýdýar: **"Musulmany günälerden bir günä iş (edeni üçin) ony kapyrlyga çykarmaýarys, hatda uly günä bolsa-da, eger ony halal saýmasa, ondan imany (doly) hem aýyrmaýarys."** (El-Fykh El-Ekber)

**"Dünýäden mömin halynda ötensoň, fasyk bolsa-da (günäni aç-açan edenem bolsa) ol otda ömürlik galar diýmeýäris."** (El-Fykh El-Ekber)

Ymam Tahawy hem hanafi mezhebiniň akydasyny beýan edýän kitabynda şeýle diýýär: **"Kybla eýelerinden birinem günä iş (edeni üçin) kapyrlyga çykarmaýarys, eger (şol günäni) halal saýmasa."** (Akyda Tahawy, taglik Elbani)

**"Muhammet ymmatyndan uly günäleri edýänler otda baky galmazlar, eger muwahhyd (Allahy birlän) hallarynda ölseler"** (Akyda Tahawy, taglik Elbani)

Ymam öz döwründäki hawarijler bilen çekeleşik ederdi, olaryň birisi: "Haçanda hawarijler Kufada peýda bolanlarynda, Ebu Hanyfany alyp şeýle diýdiler:

**- Küfrden toba et! Eý, Şeýh!**

**- Her küfrden Allaha toba edýärin.”**

Gidenden soň, käbirleri aýtdylar: **“Onuň toba eden küfri siziň halyňyzdaky küfrdir (ýagny, siziň akydaňyzy ol küfr hasaplaýandyr), ony yzyna getiriň.”** Ony getirip, ulularynyň birisi aýtdy:

**- Eý Şeýh, seniň göz öňüňde tutan küfriň biziň halymyzmy?**

**- Muny sen ylym esasynda aýdýarmyň ýa güman?**

**- Güman esasynda.**

**- Takyk, Allah aýdýar: "Eý, iman getirenler! Güman etmekden örän habardar boluň! Sebäbi (edilen) käbir gümanlar günädir."[1] Bu seniň eden günäňdir, seniň pikiriňde her bir günä küfrdir, şonuň üçin sen ilki özüň küfrden toba et.**

**- Dogry aýdýarsyň, Şeýh, küfrden toba edýärin."** (Menäkyb Ebi Hanyfa, El-Mekki)

Haçanda hawarijler Ebu Hanyfanyň hiç bir musulmany günä edeni üçin kapyrlyga çykarmaýanyny eşidenlerinde, onuň üçin çekeleşer ýaly adam goýdular, aýtdylar:

**- Metjit gapysynyň ýanyndaky iki sany jynaza (ölem kişi), birinjisi agzyndan gelinçä, ölüm hyrkyldysyny edinçä şerap içen, şeýdip, şeraba gark bolup ölen, ikinjisi zyna eden aýal, göwreliligi aýan bolansoň özüne kast eden.**

**- Haýsy dindendi olar, ýahudymy, nasranymy (hristianmy)?**

**- Ýok.**

**- Mejusdymy (otparazdymy)?**

**- Ýok.**

**- Onda haýsy dindendi olar?**

**- “Lä ilähe illallah Muhammed Resulullah” diýip şaýatlyk edýänleriň dinindendiler.**

---

(1) Hujurat 12

**- Onda maňa şaýatlyk barada habar beriň, ol imanyň näçe bölegi? Üçden birimi, dörtden ýa bäşden?**

**- Iman üçden bir bölege ýa dörtden ýa bäşden bir bölege bölünmeýär.**

**- Onda diýmek, şaýatlyk imanyň nämesi ekeni?**

**- Hemmesi, dolusy.**

**- Onda özüňiziň mömin diýip ykrar edenleriňiz barada menden soramaňyz näme?**

**- Bolýar, muny goýaly. Şular jennetimi ýa dowzahy?**

**- Goýmaly bolsa aýdaýyn, Allahyň pygamberi Ybraýymyň bulardan has beter azgyn kowum barada diýen zadyny aýdýaryn: "Eý, Perwerdigärim! Olar (butlar) ynsanlaryň köpüsini (dogry ýoldan) azaşdyrdylar. Indi kim maňa eýerse, ol mendendir (Allahyň maňa görkezen hak ýolundadyr). Kim boýun bolmasa, (onuň işi Saňa bagly). Takyk, Sen Bagyşlaýjysyň, Rehim-şepagatlysyň!"** (Ybraýym 36)

**Allahyň pygamberi Ysanyň bulardan has beter azgyn kowum barada diýen zadyny aýdýaryn: "Eger olara azap berseň, takyk, olar Seniň bendeleriňdir. Eger olary bagyşlasaň, takyk, Sen Gudraty güýçlüsiň, hikmet eýesisiň!» diýdi."** (Maide 118)

**Allahyň pygamberi Nuhuň diýenini aýdýaryn: "Olar bolsa: «Saňa tabyn bolýanlar diňe garyp-gasarlardyr. Heý-de, biz saňa iman getirerismi?» diýdiler. Nuh: «Men olaryň näme iş edýänlerini bilmerin. Eger siz akyl ýetirseňiz, olaryň hasaby diňe Perwerdigärime degişlidir."** (Şuaro 111-113)

**Allahyň pygamberi Nuhuň aleýhisseläm diýenini aýdýaryn (we aleýhim ejmägyn we alä nebiýýinä Muhammed): "Men size: «Ýanymda Allahyň hazynalary bar» diýmeýärin. Gaýyby-da bilmeýärin. «Men perişdedirin» hem diýmeýärin. Siziň kemsidiji göz bilen garaýan kişileriňiz üçin: «Allah olara hiç haçan ýagşylyk bermez» hem diýmeýärin. Allah olaryň köňüllerindäki zatlary has gowy bilýändir.**

**(Eger men hem möminlere siziň ýaly kemsidiji göz bilen garasam) onda, takyk, men zalymlardan bolaryn» diýdi."** (Hud 31)

Soňra hälkiler ýaraglaryny zyňyp şeýle diýdiler: **“Nähili dinde bolan bolsak ondan elimizi ýuwýarys, seniň diniň bilen Allahyň öňünde din tutýarys, hakykatdanam Allah saňa fazl, hikmet we ylym beripdir."** (Menäkyb Ebi Hanyfa, El-Mekki)

**2. Şyýga topary, şaýylar.**

Şyýga hawarijleriň gönümel tersidir, hawarijler eger Alyny kapyrlyga çykaran bolsalar, şyýga Aly babatynda öte geçdiler: “Pygamberden soň iň haýyrly ynsan Aly” diýdiler, “Ebu Bekr we Omar kapyr” diýdiler, “Baştutanlyk diňe Alyda we onuň çagasynda bolmaly” diýdiler. Bu topar bir bidgata başga bidgat bilen jogap berdiler, ikisi hem biri-birinden beterdir.

Kimiň beýle garaýşy bolsa, ol kezzap töhmetçidir, onuň jezasy gamçydyr, bu barada Alynyň özi şeýle diýýär: **"Meni Ebu Bekr we Omardan üstün saýan her bir ýanyma getirilen kişini töhmetçiň jezasy hökmünde gamçylandyryn."** (Nubuwwät)

**"Bu ymmatyň pygamberinden soň iň üstüni - Ebu Bekr soňra Omar."** (Nubuwwät)

Ymam Ebu Hanyfa şeýle diýýär: **"Pygamberlerden (Aleýhim essalatu wesseläm) soň adamlaryň iň üstüni Ebu Bekr Es-Syddyk, soň Omar Ibn Hattab El-Faruk, soň Osman ibn Affan Zun-Nureýn, soň Aly ibn Ebi Talyp Murtaza Allah olaryň hemmesinden razy bolsun."** (El-Fykh El-Ekber)

**"...şyýga (şaýylar), olaryň akydasynyň asly - Muhammediň (Sallallahu aleýhi we sellem) sahabalaryny azaşanlardan (hasaplamakdyr)."** (El-Kifäýe)

Günlerde bir gün Ymam Ebu Hanyfa şyýga bilen çekeleşik eden, pygamberden soň halyf (ýolbaşçy) bolmana iň hakly kim? Ol aýdan: "Biz aýdýarys: “Iň hakly Syddykdyr, Aly (Allah olaryň ikisindenem razy bolsun) oňa ol haky berendir, ýogsa ol iň güýçli adamlaryň biridi.” Emma siz şeýle diýýärsiňiz: “Iň hakly Alydy, ol haky Syddyk ondan alan, çünki ol iň güýçli adamdy, sebäbi ol Alynyň hakyny närazylyk, güýç bilen alan.”" (Menäkyb Ebi Hanyfa, El-Kerderi).

Bu sözleri eşiden şyýga topary gepläre söz tapman haýran galdylar.

**3. Arassa murjie topary.**
Murjie topary öz içinde birnäçe bölege bölünýär:

1-**Jehmiler**, olar şeýle diýýärler: “Iman diňe bilmek, tanamakdyr, kim Allahy bilýän diýse şol musulman” diýdiler, näme etse-de. Eden günäleri onuň imanyna täsir ýetirmez, näçe günä etselerem oda girmezler.

2-**Kerromiler**, olar şeýle diýdiler: iman diňe dilde aýtmak, kim dilinde iman getirse, musulmandyr, kalby, amaly nähili bolsa-da.

3-**Mäturiýdiýýeler**, olar şeýle diýdiler: iman diňe kalpda tassyk etmek, dilinde, amalynda görkezmese-de.

4-**Murjiet Fukoha**, olar şeýle diýdiler: iman kalpda tassyklamak, dilde ykrar etmek.

Ymam Ebu Hanyfanyň döwründe diňe birinji we dördünji synp bardy. Birinji synpdakylara ret edip özüni dördünji synpa ýöňkärdi.

Birinji synpa Ymam ret edip şeýle diýýär: **"Mömine günäleri zyýan ýetirmez diýmeýäris, ol oda girmeýär diýmeýäris, ýagşy işlerimiz kabul, günälerimiz bagyşlanan diýmeýäris murjieleriň diýşi ýaly."** (El-Fykh El-Ekber)

**4. Kadariýýe.**
Bu topar takdyry inkär etdiler, Allahyň öňden hemme zadyň ykbalyny kesgitlänini ret etdiler, amallaryň hemmesini adamlaryň özleri edýärler Allah hiç zady takdyr edenok diýdiler. Ol toparyň çykjagyny pygamberimiz öňünden habar berip şeýle diýýär: **"Kadariýýe (topary) bu ymmatyň mejusydyrlar (otparazlary), keselleseler olary soramana barmaň! ölseler (ölüsine) görünmäň!"** (Ebu Dawud, Hakim, Zehebi ykrar eden)

Ymam Ebu Hanyfa bu azaşan topara ret edendir, hasam El-Fykh El-Ekber kitabynda: **"Ol (Allah) hemme zatlary takdyr edendir, hökümüni berendir, bu dünýäde-de ahyretde-de Onuň islegi, ylmy, hökümi, takdyry bolman hiç zat bolmaz."** (El-Fykh El-Ekber)

**5. Jehmiler.**
Bu toparyň düýbüni Jehm ibn Safwan atly kişi, ol dine täze zatlary girizip dogry ýoldan aýrylan, onuň bidgatlary:

Allahyň wasplaryny inkär edýär.

Kurana mahluk (ýaradylan) diýýär.

Iman - diňe tanamak, bilmek diýýär.

Ynsan öz ygtyýarynda däl, ol mejbur edilýär diýýär.

Şu zatlar sebäpli, bu topar Yslam toparlaryna degişli däldir, Abdullah ibn Mubarak aýtdy: **"Jehmiler 72 topardan däldir."** (Kitäbun-Nubuät)

Şeýle hem, Ymam Ebu Hanyfa Jehm ibn Safwany kapyrlyga çykaran, ony kapyr saýan:

Abdulhamid ibn Abdirrahman Hammani şeýle diýýär: **"Ebu Hanyfanyň şeýle diýenini eşitdim: Jehm ibn Safwan kapyrdyr."** (Tärih Bagdad)

Başga ýerde Ymam şeýle diýýär: **"Kim Kuran mahluk diýse, ol bidgatçydyr, hiç kim onuň diýenini diýmesin, hiç kim onuň arkasynda namaz okamasyn."** (Tärih Bagdad)

**6. Mugtezile topary.**
Bu topar hijri ýylynyň birinji asyrynyň ahyrynda peýda boldy. Bu toparyň esasy bidgatlary:

Kurana mahluk diýýärler.

Allahyň wasplaryna batyl many berýärler.

Ymam Ebu Hanyfa ol topar barada şeýle diýýär: **"Bidgat eýeleriniň gatlagynda mugtezileden beter jedelçi topar ýokdur, çünki olar bezegli sözler bilen kalplary kabul etdirýärler."** (Menäkyb Ebi Hanyfa, El-Mekki)

**"Onuň (Allahyň) eli gudraty ýa nygmaty diýmek bolmaýar, çünki (beýle diýmek) waspa batyl many bermekdir, ol kadariýýe we mugtezile toparlarynyň sözüdir, emma Onuň eli Onuň waspydyr hil-tüýs bermesiz."** (El-Fykh El-Ekber)

# YMAMYŇ TEWHYD BABATYNDAKY AKYDASY.

Gysgaça tewhyd barada: Arap dilinde "توحيد" (tewhyd) sözi - bir zady ýa birini ýeke, ýalňyz etmegi, birlemegi aňladýar. Emma dindäki manysy - ýeke Allaha mahsus bolan zatlary başgalara ýöňkemezlik, Allahy diňe Oňa mahsus zatlarda birlemek.

Tewhyd üç görnüşden ybarat:

1) **Rububiyye tewhydy** - Allahyň işlerinde Ony birlemek. Meselem: ýaratmaklyk, rysgal bermeklik, jan almak, direltmek, älem-jahany dolandyrmak. Şul işler ýeke Allaha mahsusdyr we bu işlerde Allahyň hiç hili şärigi ýokdur.

2) **Uluhiýýe tewhydy** - ynsan öz işlerinde (ybdatlarynda) Allahy birlemegi, ýeke-täk Allaha ybadat edip, Oňa hiç bir kişini ýa hiç bir zady şärik goşmazlyk.

"Uluhiýýe" sözi "uluhe" sözünden gelip çykyp, ybadat diýmekligi aňladýar.

3) **Esma we sypat tewhydy** - Allahy Onuň gözel atlarynda we sypatlarynda birlemek.

Tewhydyň bu üç görnüşi şu aýatda jemlenendir: **"Ol asmanlaryň, ýeriň we bularyň arasyndakylaryň Perwerdigäridir. Sen diňe Oňa ybadat et we ybadatda sabyr et! Heý, sen Oňa deňdeş we meňzeş bolan başga birini bilýärmiň?!"** (Merýem 65)

**(Ol asmanlaryň, ýeriň we bularyň arasyndakylaryň Perwerdigäridir)** – ýagny, Ýaradyjysydyr, Hojaýynydyr, Hakyky Eýesidir, Dolandyryjysydyr. aýatyň bu parçasy rububiýýe tewhydy aňladýandyr.

**(Sen diňe Oňa ybadat et we ybadatda sabyr et!)** - bu parçasy uluhiýýe tewhydy.

**(sen Oňa deňdeş we meňzeş bolan başga birini bilýärmiň?)** - bu parçasy bolsa esma we sypat tewhydy aňladýandyr.

Ymam Ebu Hanyfanyň uluhiýýe tewhydy barada kän sözleri ýokdur, çünki ol döwürde gabyrlara, ewliýalara ybadat edýänler ýokdy. Emma esma we sypat tewhydynda sözleri ýeterlikdir, çünki ol döwürde ol barada her hili bidgatlar çykypdy, olara ret etmek hökmandy. Şeýle hem, onuň rububuýýe barada käbir aýdan sözleri bar, her haýsyny giňişleýin beýan ederis in şä Allah.

Ilki bilen tewhydyň bu kysymlara bölünişi barada aýdalyň, ymam şeýle diýýär: **"Takyk, Allaha doga edilende ýokary doga edilýär, aşaga däl, çünki aşak Rububiýýäniň, Uluhiýýäniň waspyndan däldir."** (El-Fykh El-Ebsat)

Diýmek, Ymam Ebu Hanyfa tewhydy üç kysma bölýän ekeni, onuň **(Allaha doga edilende)** sözi esma we sypat tewhydyny aňladýandyr.

Ymam Tahawy Akyda kitabynda şeýle diýýär: **"Doly ynam bilen Allahyň tewfiky bilen aýdýarys: “Allah birdir, hiç hili şärigi ýokdur, Onuň meňzeşi ýokdur, Ony ejizledýän zat ýokdur, Ondan başga iläh ýokdur”"**

**(Onuň meňzeşi ýokdur)** - ýagny, bu esma we sypat tewhydyny aňladýar.

**(Ony ejizledýän zat ýokdur)** - bu rububiýýe tewhydyny aňladýar, ýagny, Allahdan gudratly hiç zat ýok.

**(Ondan başga iläh ýokdur)** - bu uluhiýýe tewhydyny aňladýar.

Allahyň barlygyny subut etmek üçin käbir bidgat toparlar, meselem: mugtezile, mäturiýdiýýe, aşarylar pelsepe ýoluny saýlap aldylar, şeýle diýdiler: “Älem iki zatdan ybarat: jewher (jisimi bar bolan zat) we agraz (jisimiň waspy, ýagny elläp bolmaýan zatlar), ikisem hadys (döredilen), döredilen zadam döredijä mätäç, ol hem Allah.”

Ýagny, şu ýol bilen Allahyň bardygyny subut edýärler.

Emma Ymam Ebu Hanyfa beýle ýol bilen subut edenok, ol Kuran-Sünnete görä, selefleriň ýoluna görä subut edýär. Ol selefiň ýolundan başga ýoly gaty ýazgarar ekeni, meselem mugtezile toparyndan biri barada şeýle diýýär: **"Amr ibn Ubeýde Allahyň näleti bolsun, ol kelam ylmyndan**

**(pelsepeden) adamlara degişli däl zatlaryň ýoluny açdy."** (Zemmul-kelam, El-Hirowiý)

Şeýle hem, haçanda jewher, agraz barada soranlarynda şeýle diýýär: **"Pelsepeçileriň sözleri, saňa düşeni hadyslara we selefiň ýoluna eýermek, her bir muhdesden (dine täze girizilen zatdan) häzir bol, çünki ol bidgatdyr."** (Kitabul hujje fi beýanil mahajje)

Aly El-Kary molla Ymam Ebu Hanyfanyň usulyny, ýoluny beýan edip şeýle diýýär: **"Barlygy (pelsepeçileriňki ýaly) subut etmekden Ymam ýüz öwürdi, şaýat hökmünde aýan bolup duran zady ýeterlik saýdy, şu aýatdaky ýaly: "Olaryň pygamberleri: «Asmanlary we ýeri ýaradan Allah barada şek edip bolarmy? » diýdiler."** (Ybraýym 10) **"Kasam bolsun! Eger-de olardan özlerini kimiň ýaradandygyny sorasaň elbetde, «Allah» diýip aýdarlar. (Eýsem) onda name üçin (Allaha gulluk etmekden) ýüz öwürýärsiňiz?"** (Zuhruf 87) **"(Eý, Muhammet!) Allahyň ynsanlary ýaradan tebigaty (ýekehudaýlylyk ynanjy) bilen ýüzüňi hanyf (hak dinli) bolup diňe Oňa öwür!"** (Rum 30) **Hakyň (Allahyň) barlygy ýaradylanlaryň köňlüne guýlan, aýatlarda aýdylyşy aýaly, şeýle hem şu hadysda gelşi ýaly: "Her çaga (Yslam) fytratynda dogulýar"**(Buhary) **- ýagny, Yslam fytratynda dogulýar, emma pygamberleriň gelmeginden maksat - tewhydy beýan etmek....şol sebäpli olaryň sözleri deň çykdy, hemmesiniň delili lä ilähe illallahdy, öz milletlerine: "Allah bar diýiň" diýip buýurmadylar, Allahdan gaýry ybadat edilýän ýok diýdiler"** (Şerh El-Fykh El-Ekber, AlyEl-Kary Molla)

Ymam Ebu Hanyfa şeýle diýýär: **"Hiç kimiň öz Ýaradanyny tanamazlyga uzury ýokdur (ýagny, aklanyp bilmez), çünki ol asmanlaryň, ýeriň, özüniň we beýleki mahluklaryň ýaradylyşyny görýändir."** (Der'u Taaruz El-Akl we En-Nakl)

Ýagny, ynsan Allahy öz fytraty (köňli) bilen tanap bilýär, Onuň birligine, barlygyna akyl ýetirip bolýar.

Şeýlelik bilen, ymam Ebu Hanyfa Allahyň barlygyny subutnama hökmünde fytraty delil getirdi, adamyň öz köňli muňa şaýat diýip hasaplady. Başga-da ymamyň fytrata daýanan ýeri bar, Allahyň ýokardalygyny şeýle diýip subut edýär: **"Takyk, Allaha doga edilende ýokary doga edilýär, aşaga däl,**

**çünki aşak Rububiýýäniň, Uluhiýýäniň waspyndan däldir."** (El-Fykh El-Ebsat)

Ýagny, Allah ynsanlaryň gursagyna şeýle doga etmeli diýip salandyr.

Haçanda Ymamdan Ýaradyjynyň barlygyna näme delil bar diýip soranlarynda şeýle diýdi: **"Iň geň delil - göwredäki suwuklyk we garyndaky bäbek, Allah ony garyn tümlüginde, göwre tümlüginde, ýatgy tümlüginde ýaradýar.....Aýal käwagt ogul, käwagt gyz, käwagt ekiz, käwagt üç ekiz çaga doguryar. Käwagt dogurmak islär emma dogrup bilmez, käwagt dogurmazlyk islär emma dograr, käwagt ogul islär emma gyz bolar, käwagt gyz islär emma ogul bolar, ýagny ene-atanň isleginiň tersi bolar. Şeýdip, Alyýmyň (hemme zady Biluwjynyň), Hakiýmiň (hikmet eýesiniň), Gudratlynyň gudratyna göz ýetirdik."** (Koläid ukud El-ukýän fi menäkyb ebi Hanyfa en-nugman)

Haçanda Ymam mulhydlar (ateist, Allaha ynanmaýanlar) bilen duşuşanda olara şeýle diýdi: **"Bu mesele (ýagny, Allahyň barlygy) barada gürrüň etmezden öň maňa aýdyň: Dejle (Tigr) derýasynda bir gämi bar, gidip öz-özüniň üstüni iýmitden, goşdan dolduryp öz-özi yzyna dolanýar, hemmesinem hiç kim dolandyrmasyz özi edýär. Hälkiler aýtdylar: “Bu mümkin däl, bolup biljek zat däl.” Ymam aýtdy: “Eger bir gäminiň beýle etmesi mümkin däl bolsa, onda nädip bütin bu älemiň ýokarsy-aşagy bilen (öz-özünden peýda bolmasy) mümkin bolsun?!"** (Şerh El-Fykh-El-Ekber, AlyEl-Kary Molla)

Hakykatdanam, eger ynsan bu mahlukatlar barada pikirlense, olaryň nähili gözel, nähili ajap görnüşinde döredilenini oýlansa ol hökman Ýaradyjynyň bardygyna göz ýetirer. Şeýle hem, ynsan öz ýaradylyşyna seretse, üns berse aňlap biler: ýokdan bar edilip, görmäge, eşitmäge, akyl ýöretmäge we ş.m. zatlara kadyr edip ýaradylan, owadan keşpde, ajaýyp syratda döredilen, şonuň üçin aýatda Allah hususanam şu iki zady agzap geçýär: töwerek daşdaky zatlar we özleriňiz: **"(Kuranyň) hakdygy mälim bolar ýaly, ynsanlara älemdäki hem-de öz beden-agzalaryndaky aýatlarymyzy (alamatlarymyzy) görkezeris. Perwerdigäriň hemme zada şaýat hökmünde ýeterlik dälmi?"** (Fussylet 53)

Uluhiýýe tewhydy, ybadatda şirk etmek barada Ymam Ebu Hanyfanyň sözleri kän däldir, çünki ýokarda agzap geçişimiz ýaly ol döwürde ewliýaparazlar entek ýokdular. Ýöne onda-da onuň yzyna düşen alymlaryň käbir zatlary gadagan edenligi barada habarlar gelendir:

**- Allahdan başgadan doga, istigose etmegi (kynçylykda ýalbarmagy) gadagan etmek.** (Ruhul-magani 98/11, 129/6)

**- Allahdan başga sežde etmegi gadagan etmek.** (El-Bahr Er-Roik 124/5, Ruhul-magani 213/17, El-Mirkot Şerh El-Mişkät 202/2)

**- Allahdan gaýra nezr etmegi gadagan etmek.** (Haşiýet ibn Abidin 439/2, 440; El-Bahr-Er-Roik 298/2; Ruhul-magani 313/17)

**- Allahdan başgasy üçin damak çalmagy gadagan etmek.** (Tuhfet El-Fukoha 67/3)

**- Ewliýalaryň Allah bilen bilelikde dolandyrmak gudratyny inkär etmek.** (El-Bahr Er-Roik 298/2; Ruhul-magani 213/17)

**- Allahdan başga biri gaýyby bilýär diýlen ynanjy inkär etmek.** (El-Fetäwä El-Hindiýýe 323/6, 325, 326; El-Bahr Er-Roik 88/3, 124/5)

**- Allahdan başga bir zadyň adyna kasam içmegi gadagan etmek.** (El-Bahr Er-Roik 124/5)

Ymam Ebu Hanyfa şeýle diýýär: **"Diňe Allahyň (ady) bilen tewhydy, yhlasy (sapniýetliligi) berjaý edip kasam etmeli."** (Bedäig Es-Sonoig 3/8)

**Bärde hanafi alymlaryň tewhyd baradaky sözlerini getirmegi makul bildik:**

Ibn Nijeým El-Hanafi aýtdy: **""Haýatyma” ýa “Haýatyňa kasam bolsun” diýip ant içýäniň küfre gaçmaklyk howpy bardyr."** (El-Bahr Er-Roik 124/5)

Muhammet Ala-uddin Haskefi aýtdy: **"Halkyň içinde köpleriň ölüler üçin edýän nezrleri (aýdylan janlary), keremli ewliýalaryň ýanynda goýulýan dirhemler (teňňeler), şemler, ýaglar (bularyň hemmesini) olara ýakynlyk umyt edip edýärler, (bularyň hemmesi) batyldyr, haramdyr."** (Roddul-Muhtar Haşiýet Ibn Abidin 439/2)

Muňa açyklama berip Ibn Abidin aýtdy: "***(Olara ýakynlyk umyt edip edýärler)*** **diýdigi, ýagny “Eý plan hojam, ýitiren zadym tapylsa, ýa hassam sagalsa, ýa işim bitse saňa plança gyzyl, ýa kümüş, ýa ir-iýmit, ýa şem, ýa ýag bererin” beýle diýmek batyldyr, haramdyr, çünki mahluk (ýaradylan) üçin nezr (janly aýtmak) (haramdyr), sebäbi nezr ybadatdyr, ybadat mahluk üçin edilmez, şeýle hem, nezr edilýän öli kişi, öli kişiňem elinden zat gelmez**." (Roddul-Muhtar Haşiýet Ibn Abidin 440-449/2)

Ymam El-Elusiý aýtdy: **"Olaryň köpüsiniň ewliýalaryň gabyryndaky otaglaryň başynda sežde edýänlerini gördüm, käbirleri “Olaryň gabyrda gudratlary bar” diýýärler....käbirleri olaryň gabyrdan çykýanlaryna ynanýarlar: “Her hili keşbe girýärler” diýýärler, hatda alymlary aýdýarlar: “Olaryň ruhlary şekile girýär, islän ýerinde gezerler, käwagt ýolbarsyň ýa keýigiň şekline girýärler.” Bu zatlaryň hemmesi batyldyr, Kitapda-da, Sünnetde-de ymmatyň selefleriniň sözlerinde-de bu zatlaryň asly ýokdur, bular adamlaryň dinini zaýaladylar, beýleki dinleriň öňünde gülki (masgara) boldular."** (Ruhul-Magani 212-213/17)

Ýene-de aýtdy: **"Köpüsini gördük, ölüleri ýatlamak bilen aram tapýarlar, olara istigose edýärler (kynçylykda ýalbarýarlar), olardan dileg edýärler, öz hyjuw-höweslerine, ynançlaryna gabat gelýän ýalan-toslama hekaýalary diňlemekden şatlanýarlar, bulary gürrüň berýäni tagzym edýärler, ýeke Allahy zikir etmekden “Hemme zady ol dolandyrýar” diýmekden gysylýarlar.... beýle edýänden (ýagny, ýeke Allahy ýatlaýandan) gaça durup, ony erbet zada ýöňkeýärler, bir gün: “Eý, plany! Ýetiş!” diýip ölini istigose edip duran birine diýdim: “Eý! Allah diý, çünki Allah aýtdy: “Bendelerim senden Men barada sorasalar, (sen aýt): «Takyk, Men (olara) ýakyndyryn. Menden dileg edýän wagtynda dileg edýäniň dilegini kabul ederin. Hak ýola ýetmekleri üçin (bendelerim) meniň çagyryşyma gulak asyp, Maňa iman getirsinler».**" (Bakara 186) **(Beýle diýenime) gahary geldi, soň men barada: “Plany ewliýalary inkär edýär” diýipdir, hatda käbirleriniň şeýle diýenini eşitdim: “Weli Allahdan tiz dogalara jogap berýär” Bu Allaha aç-açan kapyr bolmakdyr, Allahdan bizi zeýgdan**

**(gyşarmakdan) we öte geçmekden saklamagyny dileýäris”** (Ruhul-Magani 11/24)

**Ymam Ebu Hanyfanyň we onuň käbir okuwçylarynyň şirke köpri bolýan, şirke eltýän zatlary gadagan edendikleri hakynda maglumatlar gelendir:**

**- Gabry suwamak gadagandyr.** (Haşiýet Ibn Abidin 237/2; El-Fetäwä El-Hindiýýe 194/1)

**- Gabry beýgeltmek hem gadagan.** (Tibýän El-Hakoik, Ez-Zeýlegy 264/1; Ruhul-Magani 237/15)

**- Gabra ýazgy ýazmak hem gadagan.** (Ebu Ýusuf gabyrlara ýazgy ýazmaklygy haram saýardy, Tuhfet El-Fukoha 256/2)

**- Ymam Ebu Hanyfa gabra bina galdyrmagy, oňa alamat belgi goýulmagy haram saýardy.** (Bedäig-Es-Sonoig 320/1; Tuhfet El-Fukoha 256/2)

**- Gabyrlary metjit edinmek hem gadagandyr.** (Tibýän El-Hakoik 264/1; Ruhul-Magani 237/15)

**- Gabyrlara çyra asyp, ýagtyltmak hem gadagandyr.** (El-Kewkeb Ed-Duriý 317/1)

**- Gabyrlara doga etmek üçin bakmak gadagandyr. Ymam Ebu Hanyfa doga edilende Pygamberimiziň (Sallallahu aleýhi we sellem) gabryna bakmaklygy haram saýardy**. (Et-Tewessul we El-Wesiýle 293; Ruhul-Magani 125/6; Mejmeg El-Enher fi Şerh Multeko El-Ebhur 313/1)

# YMAM EBU HANYFANYŇ ALLAHA TEWESSUL ETMEKDE AKYDASY (YNANJY).

**Tewessul** - bir zady Allaha ýakynlaşmak üçin araçy edinmek, sebäp tutunmak. Şol tutulan sebäbe wesile diýilýär. Aýatda Allah şeýle diýýär: **"Eý, iman getirenler! Allahdan gorkuň we Oňa (ýakynlaşmaga) wesile (sebäp) gözläň! Halas bolmagyňyz üçin Onuň (dinini beýgeltmegiň) ýolunda söweşiň!"** (Mäide 35)

Ibn Jerir Tabari öz tefsirinde aýtdy: **"(Oňa (ýakynlaşmaga) araçy (sebäp) gözläň!) - ýagny, Ony razy etjek amal edip Oňa ýakynlyk gözläň."**

Tewessul iki görnüş: rugsat tewessul, gadagan tewessul.

Rugsat tewessul üç kysma bölünýär:

1) Allahyň gözel atlary, beýik wasplary bilen tewessul etmek.

Meselem: Eý Allah! Senden Rahman we Rahym atlaryň bilen dileýärin, meni bagyşla! Aýatda şeýle diýýär: **"Iň gözel atlar Allahyňkydyr, şeýle bolsa, bu atlar bilen Oňa dileg-doga ediň (ýalbaryň)! Onuň ady babatda hakdan azaşanlary terk ediň! Olar edenleriniň jezasyny çekerler"**(Agraf 180)

Ymam Ebu Hanyfa şeýle diýdi: **"Hiç kim Allahdan doga edende, Ondan başgasy bilen doga etmeli däldir, rugsat bolan, buýrulan doga şu aýatdan netije edip çykarylýar: "Iň gözel atlar Allahyňkydyr, şeýle bolsa, bu atlar bilen Oňa dileg-doga ediň (ýalbaryň)! Onuň ady babatda hakdan azaşanlary terk ediň! Olar edenleriniň jezasyny çekerler"**(Agraf 180)**"** (Ed-Dur El-Muhtar, Haşiýet rodd El-Muhtar 397-396/6)

2) Salyh amal (ýagşy işler) bilen tewessul etmek.

Meselem: Eý Allah! Saňa imanym bilen, saňa söýgim bilen, Resulyňa tabynlygym bilen senden dileýärin, meni bagyşla. Aýatda şeýle diýilýär: **"(Ol takwalar): «Eý, Perwerdigärimiz! Takyk, biz iman getirdik, biziň**

**günälerimizi bagyşla we bizi ot (dowzah) azabyndan gora!» (diýerler)."** (AlyImran 16) Ýagny, ilki iman getirenlerini agzaýarlar, soň dileg edýärler.

Şeýle hem, gowak eýeleri haçanda gowakda galanlarynda öz salyh amallary bilen Allaha tewessul etdiler, birisi ene-atasyna eden ýagşylygyny agzap, ikinjisi zynadan saklananyny agzap, üçünjisi işgärine eden ýagşylygy bilen doga edendirler. (Buhary Muslim)

3) Salyh kişileriň dogasy bilen tewessul etmek.

Safwan ibn Abdillah ibn Safwan gürrüň berýär: **"Şam (ýurduna) gelipdim, Ebu Derdäň öýüne barsam ol ýok ekeni, Ummu Derda bar ekeni, ol aýtdy: "Bu ýyl haj etmekçimi?" Aýtdym: "Hawa" Aýtdy: "Allahdan biz üçinem haýyr dile! Pygamberimiz şeýle diýerdi: "Musulman kişiniň dogany üçin gaýypdan (arkasyndan) eden dilegi kabuldyr, onuň başynda bellenen perişde bar, her haçan dogany üçin haýyr doga edende bellenen perişde aýdar: "Ämin, saňa-da şol bolsun.""** (Muslim)

Şeýle hem, sahabalar pygamberimiz dirikä onuň dogasy bilen Allaha tewessul eder ekenler, meselem, bir çarwa arap bir gün pygamberimize Allaha doga et, bize ýagmyr ýagdyrsyn diýýär (Buhary Muslim)

Ýöne pygamberimiz dünýäden ötensoň hiç sahaba-da onuň bilen Allaha tewessul eden däldir, Omar ibn Hattab şeýle diýýär: **"Eý Allah! Biz Pygamberimiz bilen (dirikä) Saňa tewessul ederdik, Senem bize ýagmyr ýagdyrardyň, (indi) pygamberimiziň agasy bilen Saňa tewessul edýäris, bize ýagmyr ýagdyr."** (Buhary)

Gadagan edilen tewessul, ýagny, Kuranda-da, Sünnetde-de delili bolmadyk tewessullar. Olaryň üç kysymy bar:

1) Bir kişiniň zäti we şahsyýeti bilen Allaha tewessul etmek, tapawudy ýok hatda pygamberiňki bilen bolsa-da. Bu kysymyň iki görnüşi bar:

a) Tewessul tutulýandan doga etmek.

Meselem, birinden dileg etmek, kyn ýagdaýda ýalbarmak, ýeke Allahyň başarýan zadyny ondan soramak, hatda eger ony Allah bilen öz arasynda araçy tutunyp doga etse-de rugsat däldir. Bu uly şirkdir, ybadaty Allahdan

gaýra bagyş etmekdir, aýatlarda Allah şeýle diýýär: **"Kim hiç bir delil bolmazdan Allahdan başga bir hudaýy çagyrsa, onuň hasaby diňe Perwerdigäriniň huzuryndadyr. Kapyrlar hiç haçan üstünlige ýetmezler."** (Muminun 117)

**"Özüniň (dilegine), tä kyýamat gününe çenli jogap berip bilmejek hem-de özlerinden (edilýän) dilegden bihabar (bolanlara ybadat edip) Allahdan başgasyny çagyrýan kişiden has azaşan (başga) kim (bolup biler)?"** (Ahkaf 5)

Allah Tagala dogalarymyz kabul bolar ýaly salyh-ewliýalardan doga-dileg etmekligimizi buýran däldir, ýa pygamberlerden dilemegimizi aýdan däl, aýatda şeýle diýýär: **"Perwerdigäriňiz (Allah): «Meni çagyryň, (Menden diläň, şonda Men siziň doga-diglegleriňizi) kabul edeýin! (Menden özgelere ýüzlenip, ýalbaryp çagyrmak bilen) Maňa ybadat etmegi taşlap, ulumsylyk edýänler zelil ýagdaýda dowzaha girerler» diýdi."** (Gafir 60)

b) Allaha doga edende pygamberiň ýa başgasynyň zäti (barlygy) bilen tewessul etmek.

Meselem: Eý Allah! Senden pygamberiň Muhammet bilen dileýärin.

Bular ýaly dileg etmegi Ymam Ebu Hanyfa gadagan edendir: **"Hiç kim Allahdan doga edende Ondan başgasy bilen doga etmeli däldir, rugsat bolan, buýrulan doga şu aýatdan netije edip çykarylýar: "Iň gözel atlar Allahyňkydyr, şeýle bolsa, bu atlar bilen Oňa dileg-doga ediň (ýalbaryň)! Onuň ady babatda hakdan azaşanlary terk ediň! Olar edenleriniň jezasyny çekerler."**(Agraf 180)**"** (Ed-Dur El-Muhtar, Haşiýet rodd El-Muhtar 397-396/6)

2) Biriniň haky ýa mertebesi ýa hormaty bilen Allaha tewessul etmek.

Ymam Ebu Hanyfa şeýle diýýär: **"Doga edýän kişiniň: "Planyň haky bilen, ýa pygamber-Resullaryň haky bilen, ýa Beýtil-Haramyň haky bilen, ýa Meşgar Haramyň haky bilen dileýärin" diýmesi mekruhdyr (ýigrenilýändir)"** (Şerh Akyda Tahawiýýe 234; Şerh El-Fykh El-Ekber AlyEl-Kary Molla 198)

**"Hiç kim Allahdan doga edende Ondan başgasy bilen doga etmeli däldir: “Seniň Arşyň beýikliginiň düwünleri bilen dileýärin, ýa ýaradylanlaryň (adamlaryň) haky bilen dileýärin” diýmegi mekruh görýärin (halamaýaryn)."** (Şerh El-Fykh El-Ekber 234)[1]

Käbirleri beýle diýmegi rugsat saýdylar, şu hadysa daýanyp: **"Bir kör adam pygamberimiziň ýanyna gelip şeýle diýdi:**

**- Allahyň maňa şypa bermegini (ýagny, gözi açylmagyny) Ondan diläp ber.**

**- Isleseň diläýin, isleseň sabyr et, bu seniň üçin has haýyrlydyr.**

**- Doga edip (beräý).**

**Soňra (Pygamberimiz) oňa gowy edip täret almagyny buýurdy, soň şu dogany (okamagy) buýurdy: “Eý Allah! Rehmet pygamberiň bolan Muhammet pygamberiň bilen ýüzlenip, dileýärin. Men seniň (ýagny, pygamberimiz ýüzlenip aýdýar) bilen Perwerdigärime işimi bitirmegini (diläp) ýüzlenýärin, Eý Allah! Meniň üçin oňa şefagat etdir!"** (Ahmet we Tirmizi)

Emma hadysda pygamberimiziň hormatyna ýa hakyna doga eden däldir, pygamberiň bilen ýüzlenýärin diýdigi, pygamberiň dogasy bilen ýüzlenýärin diýdigidir, çünki, ol aslynda pygamberimizden doga etmegini sorapdy, gelmeginiň maksady hem şoldy, ýogsa, eger pygamberiň hormatyna doga etmekçi bolan bolsa öýünde oturan ýerinde hem edip bilerdi.

3) Doga edende biriniň ady bilen Allahyň öňünde ant içmek.

Meselem: Eý Allah! Planyň adyndan Seniň öňüňde kasam içýärin, işimi bitir.

---

(1) Ýagny, pygamberiň hormatyna, ýa ewliýalaryň hormatyna biziň dileglerimizi kabul et, we ş.m. bizde edilýän dogalary ymam Ebu Hanyfa rugsat saýan däldir.

Ymam Ebu Hanyfa beýle doga etmegi gadagan edendir[1] we şeýle diýendir: **"Diňe Allahyň (ady) bilen tewhydy, yhlasy (sapniýetliligi) berjaý edip kasam etmeli."** (Bedäig Es-Sonoig 8/3)

Şeýle hem hadysda şeýle diýilýär: **"Kim Allahdan gaýrynyň adyna kasam içse şirk etdigi bolar."** (Ahmet)

---

(1) Ruhul-Magani 126/6

# YMAM EBU HANYFANYŇ ESMA WE SYPAT TEWHYDYNDAKY AKYDASY.

**Esma we sypat tewhydynyň manysy:** Allah hemme taraplaýyn kämillige eýedir, Onuň beýiklik, belentlik, ajap wasplary bardyr, bu zatlarda Onuň şärigi ýokdur. Allah Kuranda Öz atlary we wasplary barada habar berendir, şeýle hem, Resuly Allah barada öz Sünnetinde habar berendir. Olaryň manylaryny, hökümlerini beýan edendir, meselem: Allah hemme zady bilýär, hemme zada kadyr, Ol El-Haýý (Diri) we El-Kaýýumdyr (bendeleriň işini ýöredýändir). Ol uklamaz, (hatda) irkilmezem, Onuň ýerine ýetirilýän islegi bardyr (ýagny, bir zat islese hökman şol zat bolar), maksada-myrada ýetiji hikmedi bardyr, Ol Arşa galandyr, bendeleri nirede bolsalaram, Ol (ylmy bilen) olar bilendir, Onuň zätine (barlygyna), wasplaryna, amallaryna meňzeş hiç zat ýokdur, Onuň bu zatlarda deňi-taýy ýokdur.

Bu tewhyd aýratyn ähmiýete eýe ylymdyr, çünki ol Allahy, Onuň atlaryny we wasplaryny öwredýän ylymdyr, ol ylym esasynda Oňa ybadat edilýär, eger ynsan öz Perwerdigärini tanamasa, nädip Oňa ybadat etsin? Tanamaýan ilähine nädip gulluk etsin? Şol sebäpli bu örän möhüm ylymdyr.

**Esma we sypat baradaky Ymamyň sözleri:**

1) **"Allah Tagala mahluklaryň waspy bilen wasplanmaýar, Onuň gazaby we ryzasy hiç hili hil-tüýs bermesiz Onuň wasplarydyr, bu ähli-sünnet wel-jemagatyň sözüdir, Ol gazaplanýaram, razy bolýaram: “Onuň gazaby - Onuň jezasy, Onuň ryzasy - Onuň sylagy” diýilmeli däldir. Özüni nähili wasplan bolsa şolar ýaly wasplamalydyrys: Ahad (Birdir), Samed (hiç kime mätäç däl, emma hemmeler Oňa mätäç), dogurmadam, dogulmadam, hiç kim Onuň deňi-taýy däldir. Ol Haýý, Kadyr, Semig, Basyr, Alimdir. Allahyň eli olaryň (möminleriň) elleriniň üstündedir, Onuň eli mahluklaryň (ýaradylanlaryň) eli ýaly däldir, hem-de Onuň ýüzi mahluklaryň (ýaradylanlaryň) ýüzleri ýaly däldir."**
(El-Fykh El-Ebsat 56 sahypa)

2) **"Allahyň özi Kuranda habar berişi ýaly Onuň eli, ýüzi, nefsi bardyr. Bu habar berlen zatlar tüýs-hil bermesiz Onuň sypatlarydyr. Onuň "eli" – Onuň "gudraty", "nygmaty" diýmek ýalňyşdyr, çünki muny diýmek sypatlary batyla çykarmakdyr, bu hem "kadar" we "igtizäl" (azaşan fyrkalar) – yň sözüdir."** (El-Fykh El-Ekber 302)

3) Ymam Ebu Hanyfa Allahyň wasplary babatynda pikire ýa akyl ölçeglerine daýanmaýar, tersine, wasplary Kurana we Sünnete görä isbat edýär (tassyk edýär), muňa onuň şu sözleri şaýatdyr: **"Hiç kim Allahyň zäti (barlygy) barada (aklyna görä) gürlemeli däldir, (Allah) Özüni nähili wasplan bolsa, şolar ýaly wasplamaly, öz pikirine görä bir zadam diýmeli däldir, Tebaroke Allah Tagala Robbul-Älemiýn."** (Şerh Akyda Tahawy 327/2)

4) Allahyň wasplary Ymam Ebu Hanyfanyň akydasyna görä manysy belli, hil-tüýsi (bize) näbelli wasplardyr, Ymam dolulygyna tefwiz edenok (ýagny, hem manysy, hem hil-tüýsi näbelli diýenok)(1), haçanda Allahyň (iň aşakgy asmana) inýänligi barada soranlarynda şeýle diýdi: **"Inýändir, hil-tüýs bermesiz (ýagny, hadysda gelşi ýaly inýändir, ýöne nähili inýär, nädip inýär ol (bize) näbellidir)"** (Esma we Syfat, Beýhaky 456; Şerh El-Fykh El-Ekber, AlyEl-Kary Molla 60)

Aly El-Kary Molla (iň meşhur Hanafi alymlarynyň biri) şeýle diýdi: **"Ymam Mälik aýtdy: "Istiwa (galmak) belli (zat), hil-tüýsi bolsa näbelli." (Bu garaýşy) beýik Ymamymyz saýlap alandyr, şeýle hem, muteşäbih aýat-hadyslarda gelen (wasplara garaýşy hem şeýledir), (meselem) el, göz, ýüz, we ş.m. Şeýlelik bilen, wasplaryň hemmesiniň manysy bellidir (düşnüklidir), emma hil-tüýsine akyl ýetirip bolýan däldir"** (Mirkot El-Mefätiýh şerh Mişkät El-Mesobiýh 251/8)

5) Ymam Ebu Hanyfa bütinleýin te'wili taşlandyr(2)

---

(1) Tefwiz (bilmesizlik) iki görnüşde bolýar, manysyny we hil-tüýsini (nähilidigini). Meselem: Allah arşa galdy, galmaklygyň manysy bize düşnükli zat, ýöne nähili tüýsde galdy muny bize habar berilmedi, bilmeýäris. Onuň nähili galandygy Allaha mälim, hakykaty bar emma biz bilmeýäris.
(2) Tew'il - Allahyň wasplarynyň görünip duran manylaryny üýtgetmek, aýdyň bolup duranyndan başga many bermek, meselem: Allahyň eli, el näme zatdygy belli zat, ýöne käbir azaşan toparlar (mugtezile, aşagiro, mäturiýdiýýe), Allahyň eli - Allahyň gudraty, gazaby - jezasy, ryzasy - sylagy diýdiler.

Çünki, te'wil - waspy batyla çykarýar, Allaha laýyk waspyň manysyny pozýar, muňa onuň şu sözleri şaýatdyr: **"Onuň “eli” – Onuň “gudraty”, “nygmaty” diýmek ýalňyşdyr, çünki muny diýmek sypatlary batyla çykarmakdyr, bu hem “kadar” we “igtizäl” (azaşan fyrkalar) – yň sözüdir.”** (El-Fykh El-Ekber 302)

**"Ol gazaplanýaram razy bolýaram, Onuň gazaby - Onuň jezasy, Onuň ryzasy - Onuň sylagy diýilmeli däldir."** (El-Fykh El-Ebsat 56 sahypa)

Te'wili terk etmek - ymamlaryň ýoludyr, El-Elusiý El-Hanafi aýtdy: **"Sen bilýärsiň, iň meşhur alymlaryň, Yslamyň görnükli ymamlarynyň köpüsiniň ýoly - teşbih etmesiz (meňzetmesiz), jisimleşdirmesiz bütinleýin te'wilden saklanmak, olaryň käbirleri: Ymam Ebu Hanyfa, Ymam Mälik, Ymam Ahmet, Ymam Şäfigy"** (Ruhul-Magani 156/6)

6) Ymam Ebu Hanyfa Allahyň wasplaryny bir zada meňzeden däldir, bir zada meňzeş diýen däldir, ýagny teşbih eden däldir: **"(Allah) ýaradylan zatlaryň birisine-de meňzeýän däldir, ýaradylan zatlaryň birisi-de Oňa meňzeýän däldir, Ol elmydama Öz atlary we wasplary bilen biledir (at-wasplary Ondan aýrylýan däldir)."** (El-Fykh El-Ekber 301)

**"Onuň wasplary ýaradylanlaryň wasplary ýaly däldir, Onuň ylmy biziň ylmymyz ýaly däldir, Onuň başarnygy biziň başarnygymyz ýaly däldir, Onuň görüjiligi biziň görüjiligimiz ýaly däldir, Onuň eşidijiligi biziň eşidijiligimiz ýaly däldir, Onuň kelamy biziň kelamymyz ýaly däldir."** (El-Fykh El-Ekber 302)

**"Allahy mahluklaryň waspy bilen wasplamaly däldir."** (El-Fykh El-Ebsat 56)

7) Ymam Ebu Hanyfa ähli-sünnetiň akydasyna laýyklykda Allahyň wasplaryny iki görnüşe bölýär: **"(Allahyň) wasplary zäti we amalydyr, zäti wasplary: dirilik, başarnyklylyk, ylymlylyk, geplemek, eşitmek, görmek, islemek. Amaly wasplary: ýaratmak, rysgal bermek, döretmek, düzmek, ýasamak. Ozalam, suwagdam atlary we wasplary bilendir"** (El-Fykh El-Ekber 301)

Ymam Ebu Hanyfa wasplaryň iki görnüşinem isbat edýändir (tassyk edýändir).

8) Belhy atly biri Ebu Hanyfadan soraýar:

**- (Allahyň nirededigini bilemok asmandamy ýa ýerdemi) – diýýän kim bolar?**

**- Kapyr bolar, sebäbi Allah aýtdy: “Rahman Arşyň üstüne galdy”** (Taha 5) **we onuň Arşy asmanlaryň üstündedir.**

**- Ol hem Arşyň üstünde diýýär, ýöne Aryş nirede, şony bilemok diýýär.**

**- Eger Arşyň asmandadygyny inkär etse kapyr bolar."** (El-Fykh El-Ebsat 49)

Ymam Ebu Hanyfanyň ýanyna bir aýal gelip:

**- Allah nirede? - diýip soraýar.**

**- Allah asmandadyr.**

**- (Nirede bolsaňyzam ol siz bilen bilelikdedir)** (Hadid 4) **manydaky aýat näme onda?**

**- Sen daşdaky birine hat ýazanyňda (Men seniň bilen biledirin) diýşiň ýalydyr.** (Beýhaky, Zehebi “El-Uluww li Aliýýi El-Gaffar”)

**"Şuny ykrar edýäris - Allah Tagala hiç hili mätäçlik çekmesiz arşa galandyr."** (Şerh El-Wasyýýe 10)

9) **"Musa (Aleýhisseläm) Allah Tagalanyň kelamyny eşidendir, Allahyň aýdyşy ýaly: "Allah Musa bilen sözleşip gepleşdi."** (Nisa 164) **Sözleşen Allah Tagaladyr, geplän Musa däldir."** (El-Fykh El-Ekber 302)

**"Kuran Allahyň kelamy, ýaradylan däldir."** (Wasyýýe 301)

Gysgaça, jemläp aýdamyzda, ymam Ebu Hanyfanyň Allahyň wasplary babatyndaky akydasy ähli-sünediň akydasydyr, ýagny, Allahyň we Resulynyň habar berşi ýaly isbat (tassyk) edýäris, hiç hili tüýs-hil bermesiz, meňzetmesiz, mysal bermesiz.

# YMAM EBU HANYFANYŇ IMAN MESELESINDÄKI AKYDASY.

**IMANYŇ KESGITLEMESI.**
Adamogly şu zatlara ukyplydyr:

1 – Kalpda ynanyp ykrar etmek.

2 – Dilde aýtmaklyk.

3 – Amal etmeklik. (Munuň içine terk etmeklik hem girýändir).

Indi, adamogly mömin (iman eden) bolmak üçin şaýatlyk edende şularyň hemmesini berjaý etmelimi? Ýa-da birisini ýa ikisini berjaý etse iman etdigi bolýarmy?

Selef-salyhlarymyzyň akydasyna görä adamoglynda imanly saýylmagy üçin ýokardaky agzalan üç zadyň hemmesiniň jemlenmegi zerurdyr. Olar: **“Iman kowl (söz) we amal”** diýdiler, ýagny:

1 – Kalbyň kowly (kalbyň ykrary, tassyklamasy).

2 – Diliň kowly (diliňde aýtmaklyk).

3 – Kalbyň amaly (gorky, söýgi, umyt).

4 – Beden agzalaryň amaly (namaz, roza, haj).

Seleflerimiz bu dördüsini gysgaldyp **(Iman kowl we amal)** diýip aýdypdyrlar.

Olaryň delillerini we sözlerini gijräk getireris in şä Allah. Emma Sünnetden aýrylan, azaşan fyrkalar (toparlar) dürli-dürli pikirlere bölünişdiler:

1) Murjieler, bular hem öz içlerinde üçe bölündiler: a) Jehmiler. b) Kerromiler. ç) Eşagyra we Mäturiýdiler.

2) Haryjylar.

3) Mugtezileler.

## 1) Murjieler toparlarynda imanyň kesgitlemesi

**A-Jehmilerde iman:**

Bular: “Iman – diňe tanamak, bilmek”- diýdiler, ýagny, bir adam Allahyň bardygyny bilse, dilinde hiç haýyr söz diýmese-de, amalynda hem görkezmese-de iman etdigi bolýar diýdiler. Bularyň pikirine laýyklykda Iblis we Fir-awn iman edenlerden bolýar, sebäbi ikisi hem Allahyň bardygyny bilýärdiler. Mundan beter azaşmaklyk barmyka?!

**B-Kerromilerde iman:**

Bular: “Iman – diňe kowl (aýtmaklyk).” – diýdiler, ýagny, kim kalby bilen ynanmasa-da, amalynda görkezmese-de dilinde Allah bar diýse, iman etdigi bolýar diýdiler. Bularyň pikirine laýyklykda munafyklar (ikiýüzliler) mömin bolýarlar, sebäbi olar dillerinde yslamy kabul edýärdiler, emma kalplary bilen inkär edýärdiler.

**Ç-Eşagyralarda we Mäturiýdilerde iman:**

Bularyň käbirleri: “Iman diňe kalp bilen tassyklamak”- diýdiler, ýagny, kim diňe kalbynda Allahyň bardygyny we imanyň rüknlerini tassyklasa, dilinde aýtmasa-da, amalynda görkezmese-de imanly bolýar diýdiler.

Emma käbirleri: “Iman kalpda tassyklamak we dilde ykrar etmeklik” – diýdiler, ýagny, biri meselem şahadany kalbynda tassyklap, dilinde ykrar etse, amalynda görkezmese-de mömin bolýar diýdiler. Bularyň pikirine laýyklykda, adam ömründe (mümkinçilik bolubam) beden agzalary bilen hiç amal (namaz, roza, haj) etmese-de mömin bolýar. Bu hem azaşmaklykdyr.

## 2) Haryjylarda imanyň kesgitlemesi.

Bular: “Iman tassyk, kowl (dilde aýtmaklyk) we amal” – diýdiler. Ýöne bularyň bu sözi (daşyndan göräýmäge) Ähli-Sünnetiňkä gabat gelse-de, aralarynda tapawut bardyr: Haryjylar: “Eger ýekeje parz işi taşlasa ýa ýekeje

haram bolan işi etse imany gidip, kapyr bolar”(1) - diýdiler. Ýagny, her bir parzy we haram işi taşlamagy imanyň rükni etdiler, eger ol rükn tapylmasa iman hem tapylmaz diýdiler. Meselem, biri remezan aýynda agyz beklemese, ýa ogurlyk etse iman ondan gider diýdiler. Ynha bular hakyky näçe millionlarça musulmanlara kapyr diýip ýörenler. Emma Ähli-Sünnet: “Imanyň bölegi bolan amal umumylykda tapylmalydyr, ýagny, kalby bilen tassyk edip, dilinde aýdan zadyny hökman amalynda hem görkezmelidir, ol amallaryň käbirlerini edip, käbirlerini taşlany bilen kapyr bolmaz. Emma ömür-boýy hiç beden agzalary bilen amal etmese, näçe kalby bilen tassyklasa-da, dilinde saýrasa-da iman eden bolmaz”(2)- diýdiler.

## 3) Mugtezilelerde imanyň kesgitlemesi:

Bular hem edil haryjylaryň diýenini diýdiler, ýekeje tapawut, ol hem uly günä eden adamyň dünýädäki hökümi kapyr hem däl, mömin hem däl (menzile beýne menzileteýn) – diýdiler, emma haryjylar uly günä eden adamyň dünýädäki hökümi kapyr diýdiler. Emma ahyretdäki hökümine iki fyrka hem kapyr diýdiler.

## Amalyň imana girip, onuň bir bölegidigininiň delilleri:

1) **“Allah siziň imanlaryňyzy hiç puja çykaryjy däldir”** (Bakara 143)

Şul aýatyň tefsirinde ymam Kurtubi şeýle diýdi: **“Musulmanlar ilki-başda namazy “Beýt-Makdis”-e (şu wagtky Palestinada ýerleşýän Aksa metjidi) tarapa bakyp okaýardylar. Soňra Käbä tarap bakyp okamaklyk buýrugy geldi. Sahabalaryň içinde entek Kybla “Beyt-Makdis”- ka ölenleri bardy, ynha alymlaryň ijmagy (biragyzdan ylalaşygy) bilen şul aýat şolar barada indi, ýagny, olaryň okan namazlarynyň puç bolmajagy barada habar berdi.”** (Ýagny, Allah namazy (beden agza amalyny) iman diýip atlandyrdy)

---

(1) Haryjylarda iman edil murjielerdäki ýaly bölege bölünmeýär.
(2) Ýagny amal iki görnüşde, kabirini taşlamak ýada etmek uly kufur, käbirini bolsa taşlamak ýada etmek kiçi kufur.

Ymam Buhary “Sahyh” kitabynda şu aýaty getirip, şeýle diýýär: **“BAP: Namaz (amal) imandandyr”.**

2) **“Oňa (Allaha) ýagşy söz galýandyr we salyh amal ony galdyrýandyr”** (Fatyr 10)

**Ibn Abbas şeýle diýdi: “(Ýagşy söz) – Allahy zikir etmekdir, (Salyh amal) – parzlary berjaý etmeklikdir. Kim parzlary berjaý edip zikir etse, ikisi bilelikde Allaha galjakdyr gowuşjakdyr. Kim Allahy zikir edip, parzlary berjaý etmese, onuň zikiri amalyna gaýtarylar.** (ýagny, amalsyz kabul edilmez). (Tefsir ibn Jerir Tabari)

3) **“Imanyň altmyş näçe (bir rowaýatda ýetmiş näçe) şahasy bardyr. Iň belendi “Lä ilähä illallah” diýmeklikdir, iň pesi ýolda ezýet berýän zady aýyrmak, haýa (utanjaňlyk) hem imanyň şahalaryndan bir şahadyr”.** (Buhary, Muslim)

**“Lä ilähä illallah”** diýmeklik – dil bilen aýtmaklyk.

**“ýolda ezýet berýän zady aýyrmak”** – beden agzalary bilen amal etmek.

**“haýa hem ...”** – kalp bilen baglanşykly amal.

Ynha bularyň üçüsine-de iman diýip atlandyrdy.

4) Ebu Hureýra: **“Pygamberimiziň (Sallallahu aleýhi we sellem) ýanyna biri gelip şeýle diýdi: “Iň haýyrly amal näme?” – ol hem: “Allaha iman etmek” – diýdi.”** (Buhary, Muslim)

**Indi siziň dykgatyňyza seleflerimiziň sözlerini ýetirýäris:**

1) Hasan El-Basry aýtdy: **“Iman (gürläp) bezenmeklik däldir, (kalpda ynanç bolman) boş söz hem däldir, iman kalpda ornaşan we amal bilen tassyklanan zatdyr”** (Ibn Ebi Şeýbe “Iman”)

2) Ibn Şihäb Ez-Zuhri aýtdy: **“Iman kowl we amaldyr, ikisi baglanşyklydyr, birisi tapylmasa beýlekisiniň haýry ýokdur”** (Ebu Amr Talmankiý)

3) Ymam Ewzägy aýtdy: **“Kowl bolmasa iman dürs-dogry bolmaz, amal bolmasa kowl hem dürs-dogry bolmaz. Amal imandandyr, iman hem amaldandyr”** (Ebu Nugaým “Hilýe”)

4) Ymam Şäfigy aýtdy: **“Sahabalaryň, tabygynlaryň we olardan soňkularyň ijmagy bilen: Iman kowl, amal we niýetdir (ygtykad). Biri beýlekisiniň ýerini tutmaz.”** (“El-Umm”).

5) Ymam Ahmet aýtdy: **“Amalsyz iman bolmaz”** (Hallal “Sunne”)

6) Sufýan Es-Sewri aýtdy: **“Iman kowl, amal we niýetdir (ygtykad), tagat-ybadatlar bilen artar we günäler bilen kemeler”.** (Läläkäi)

7) Ymam Buhary aýtdy: **“Müňden gowrak alyma duşdum, barysy hem: “Iman kowl we amal, artýar we kemelýär” diýýärdiler.”** (Läläkäi)

8) Sufýan Es-Sewri aýtdy: **“Halal hasaplaman, haramlyklary etmek günädir (dinden çykarmaýar), emma uzursyz (düýpli sebäpsiz), ylymsyzlykdan däl-de bilkastlaýyn parzlary (hemmesini) taşlamak küfrdir (dinden çykarýar).”** (Abdullah ibn Ymam Ahmet “Sunne”)

9) Abdul Kadir Jeýläni aýtdy: **“Parz ybadatlary taşlamak (hemmesini) zyndyklykdyr (ýeres, küfr), gadaganlyklary etmek bolsa günädir, hiç bir ýagdaýda hiç kime parz işleri taşlamak rugsat däldir”** (“El-Feýz Er-Rabbany”)

10) Abdurrazzak aýtdy: **“62 sany alyma duşdum, olardan käbirleri: Ewzägy, Sufýan, Mälik ibn Enes, hemmesi hem: “Iman kowl we amal artýaram kemelýärem” diýýärdiler”** (Läläkäi)

11) Ymam Mälik aýtdy: **“Iman kowl we amal artýaram, kemelýärem."** (Abdullah ibn Ymam Ahmet “Sunne”).

# IMANYŇ ARTMAGY WE KEMELMEGI.

Ähli-Sünnetiň akydasyna görä iman artýar we kemelýär. Onuň artmagyna we kemelmegine amallar täsir edýändir, kimiň amaly dürs bolup köpelse, onuň imany artar. Emma Murjieler (Eşagyralaryň köp bölegi): *“Iman diňe tassykdyr, artmaz hem kemelmez, eger kemelse şeklenmek bolýar, kim şeklense-de onuň imany ýokdur”* – diýdiler.

Emma seleflerimiz şeýle düşündirdiler:

“Iman şu zatlardan ybaratdyr:

1 – Kalbyň kowly (kalbyň ykrary tassyklamasy).

2 – Diliň kowly (diliňde aýtmaklyk).

3 – Kalbyň amaly (gorky, söýgi, umyt).

4 – Beden agzalaryň amaly (namaz, roza, haj).

Şeýlelik bilen, kalpda tassykdan başga zat hem bar ekeni. Kimiň kalp amallary artsa, gorkusy güýçlense, umydy artsa, onuň tassygy we ykrary hem ýerinde durmaz, artar. Kim beden agzalary bilen amalyny köpeltse, namaz kän okasa, oraza tutsa, elbetde onuň bu amallary kalbyndaky tassygyna hem täsir eder, şol amallaryň täsiri zerarly artan zat hem imandyr. “Ol iman däl, imanyň güýjüdir, parlaklarydyr” diýmek ýalňyşdyr. Şeýlelik bilen, iman artýar hem kemelýär. Muny adamyň özi hem duýýandyr, känräk sogap işler etse, üýtgeşik bir wagyz eşitse elbetde ol imanynyň joşýanyny duýar.

Emma Murjieleriň pikirine laýyklykda, Jebraýyl – aleýhisselämiň – imany bilen iň fasyk (haramlyklary edýän) musulmanyň imany deň bolýar. Sebäbi Jebraýylda hem tassyk bar ol fasykda hem tassyk bar. Murjieler: “Artýan-kemelýän zat iman däl, belki-de imanyň güýji, parlaklary” diýip pelsepeçilik edip, dogry ýoldan azaşdylar.

Ynha imanyň artýanlygynyň we kemelýänliginiň delilleri we seleflerimiziň sözleri:

1) **"Haçanda olara Onuň (Allahyň) aýatlary okalanda olaryň imanlary artdy"** (Enfäl 2)

Şu taýda **"Imanlary artdy"** diýdi, güýji, parlaklary diýmedi.

2) **"Imanlarynyň üstüne iman goşulmagy üçin..."** (Feth 4)

3) **"Haçanda olara: "Adamlar size garşy jemlendiler, gorkuň!" diýlende, olaryň imanlary artyp, Allah bize ýetikdir we ol nähili gözel wekildir diýdiler"** (Äli-Imran 173)

Ebu Ubeýd Kasim ibn Selläm (157ý. – 224ý.) "Iman" atly kitabynda ýokardaky aýatlary getirip şeýle diýdi: **"Imanyň artýanyna we kemelýänine şu aýatlar delildir, muny aýdanlar: Ymam Mälik, Sufýan, Ewzägy"**

4) Umeýr ibn Habib atly sahaba (Allah ondan razy bolsun) şeýle diýdi: **"Iman artýar we kemelýär"** – soradylar: **"Nädip artýar we kemelýär?"** – jogap berdi: **"Haçanda Allahy zikir etsek we ondan gorksak imanymyz artar, haçanda unutsak we gapyl bolsak imanymyz kemeler"** (Ibn Ebi Şeýbe "Musonnef" 30327)

Ynha mubärek sahaba açyk-aýdyň imanyň özüniň artýanyny we kemelýänini we nämäniň täsiri sebäpli artyp-kemelýänini çürt-kesik beýan edendir. Mälim bolşy ýaly, dört mezhep ymamlary we beýleki seleflerimiz sahabanyň sözüniň öňüne hiç kimiň sözüni geçiren däldirler (Elbetde Pygamberiňkiden (Sallallahu aleýhi we sellem) başga).

**Amaly imandan çykarmak we ol artmaýar we kemelmeýär diýmeklik ijtihäd meselesimi?** Ýagny, muny diýen hem Ähli-Sünnet bolýarmy? Has giňişleýin:

Seleflerimiz käbir meselelerde bir hökümde birleşmän, her biri öz pikirini getirýär. Ýöne bularyň birisi beýlekisine: "Sen Ähli-Sünnetden çykdyň" diýmedi. Meselem, namazda her bir rekagatda "Fätiha" süresini okamaklyk parzmy? Ýa rüknmi? Ýa sünnetmi? Bu barada alymlar bölünişdiler, emma bular ýaly meselede agzala bolanlary bilen, hiç birisi Ähli-Sünnetden

çykmady. Indi, amaly imandan çykarmak meselesi hem şeýlemi? Elbetde “Ýok”, bu mesele ijtihäd meselesi däldir, sebäbi seleflerimiz Murjieleri, haryjylary we Mugtezileleri (şu sebäpden) Ähli-Sünnetden hasaplamadylar. Ynha olaryň sözleri:

1) Agmaş aýtdy: **“Ibrahim En-Nahaýynyň ýanynda Murjieler agzaldy, ol hem şeýle diýdi: “Allaha kasam bolsun, şek-şübhesiz olary men kitap ehlinden (Ýewreýler we hristianlar) hem beter ýigrenýändirin”** (Ibn Saad “Tabakat” 9192)

2) Said ibn Jubeýr (iň uly tabygynlardan): **“Talk diýilýän bilen oturyşma! Sebäbi ol murjielerden”** (Abdullah ibn Ymam Ahmet “Sunne” 541)

3) Ebu Zurga: **“Murjieler azaşan bidgat ehlidir”** (Läläkäi “Sunne”)

4) Şeriýk ibn Abdullahyň ýanynda Ebu Ýusuf şaýatlyk etdi, soňra Şeriýk şeýle diýdi: **“Namaz imandan däl diýýäniň nädip şaýatlygyny kabul edeýin?!”** (Hallal “Sunne” 1024)

5) Ymam Ahmetden soradylar: **“Murjie bolanyň yzynda namaz okasa bolýarmy?”** – ol hem: **“Eger iman diňe kowl diýýän bolsa we şol bidgatyna çagyrýan bolsa, onda onuň yzynda okama!”** – diýdi. (Hallal “Sunne” 1146)

Käbirleri: **“Bularyň bu sözleri jehmiler (iman diňe tanamak diýýänler) barada, eşagyra-mäturiýdiler barada däl”** – diýse, (oňa) jogap:

“Ymam Ahmetden: **“Murjieler kimler?”** diýip soralanda, şeýle diýdi: **“Iman diňe kowl diýýänler”** (Hallal “Sunne” 976)

**“Iman diňe kowl”** diýýänler hem eşagyralar we mäturiýdiler, jähmiler däl.

Onsoňam, ýokarda Şeriýkiň aýdanyny getiripdik: **“Namaz imandan däl-diýýäniň nädip şaýatlygyny kabul edeýin?”** Muny diýýänler hem eşagyralar we mäturiýdiler.

**Indiki meselämiz:**

Ymam Ebu Hanyfa şeýle diýdi: **“Iman (kalpdaky) tassyk we (dildäki) ykrar, artanok hem kemelenok”** (Fykh Ekber)

Ymamyň bu meselede selefler bilen garaýşy deň gelmedi.

Ýöne seleflerimiz Ymam Ebu Hanyfany bu sözleri üçin Ähli-Sünnetden çykaryp, oňa bidgatçy diýmediler (Haşahum zälike). Sebäbi asly-usuly, akydasy selefi bolup ýalňyşan alymyň asly-usuly, akydasy bidgat bolanyň ýalňyşyndan tapawudy bardyr. Ymam Ebu Hanyfa ymamymyz, fakyhymyz, göreldämizdir.

Ýöne seleflerimiziň bu meseledäki ijmagy bolansoň, hiç birine Ebu Hanyfa aýtdy diýip **“Amal imandan däl, artmaýar we kemelmeýär”** diýmeklik rugsat däldir, eger diýäýse-de birinjilik bilen ol Ymam Ebu Hanyfanyň sözüne ters gitdigidir, sebäbi ol özüne taklid edilmegi (kör bolup yzyna düşmegi) ýazgarandyr. Ynha onuň sözleri: **“Eger Kurana ýa Hadysa meniň sözüm ters gelse meniň sözümi taşlaň”** (Fuläniy fil Iýkoz)

**“Biz beşerdiris (adamoglydyrys), bu gün bir zat diýsek ertir başga zat aýdýarys”** (Ibn Abdilbirr “Intiko”)

**“Meniň delilimi bilmän meniň fetwam bilen fetwa bermek haramdyr”** (Ibn Abdilbirr “Intiko”)

**“Eger hadys sahyh bolsa şol meniň mezhebimdir”** (“Haşiýet ibn Abidin”)

Ikinjilik bilen: ol ijmaga ters gitdigi bolar. Pygamberimiz (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Allah, meniň ymmatymy azaşmaklykda (ýalňyş zatda) jemlemez”** (Tirmizi 2167) Tirmizi aýtdy: **“Olar fykh, hadys eýeleridir, alymlarydyr”**

# YMAM EBU HANYFANYŇ PYGAMBERLER BARADAKY AKYDASY.

Mälim bolşy ýaly pygamberler adamkärçiligiň, ynsanperwerligiň nusgasydyr. Çünki olar Allah Tagala bilen adamzat arasyndaky ortaçydyrlar. Olar iň gözel ahlaga, iň gowy häsiýetlere eýe kişilerdir, Ymamyň (Ebu Hanyfanyň) pygamberler baradaky sözleri: **“Pygamberleriň hemmesi (Aleýhim essalatu wesseläm) kiçi hem-de uly günälerden, küfrden we ýaramazlyklardan päkdirler.”** (El-Fykh El-Ekber 303)

**“Muhammet (Aleýhis salatu wesseläm) (Allahyň) pygamberi, guly, Resuly, saýlap-seçen päk kişisidir, hiç haçan buta ybadat eden däldir, hiç haçan (hatda) göz açyp-ýumma salymlygy ýaly wagtam Allaha şärik goşan däldir.”** (El-Fykh El-Ekber 303)

**“(Hakykatdanam) pygamberleriň aýatlary (mugjyzalary)(1) bardyr, şeýle hem, ewliýalaryň keramatlary hakdyr. Emma Onuň (Allahyň) duşmanlarynda bolýanlar, mysal üçin Iblisiň, Firawnyň eden zatlaryna we Dejjalyň etjek zatlaryna aýat diýmeýäris, olara iş bitirme diýýäris, sebäbi Allah Tagala öz duşmanlarynyň işlerini olary hilä salmak bilen, olara jeza hökmünde bitirýär, ýagny olar şeýlelik bilen (işleriniň bitmegine) aldanýarlar, şeýdip olaryň küfr, pyssy-pujurlyklary artýar. Bu zatlaryň hemmesi mümkindir, ähtimaldyr."** (El-Fykh El-Ekber 304)

Pygamberimiziň şepagaty barada şeýle diýýär: **“Jeza berilmäne hakly uly günä eden günäkär möminler üçin pygamberimiziň (Aleýhis salatu wesseläm) şepagaty hak-hakykatdyr.”** (El-Fykh El-Ekber 305)

**“Uly günä edibem Jennete düşjekler üçin Muhammet Pygamberimiziň şepagaty hakdyr.”** (Şerh El-Wasyýýe 32)

---

(1) Aýat - pygamberlere berlen adatdan daşary zatlar: Ybraýymy oduň ýakmazlygy, Musanyň deňizi ikä bölmegi, Ysanyň ölüleri direldişi, Muhammediň aýy ikä bölüşi we başgalar.

# YMAM EBU HANYFANYŇ GABYR AZABY, GAÝTADAN DIRELIŞ, KYÝAMAT BARADAKY SÖZLERI.

**“Munker we Nekiriň gabyrda soraga çekmeleri hakdyr çyndyr, hem-de bendäniň ruhunyň gabyrda gaýtaryp getirilmesi hakdyr, gabyr gysmasy we azaby hemme kapyrlar hem-de günäli möminler üçin hakdyr, çyndyr.”** (El-Fykh El-Ekber 306)

**“Gabyr azaby gürrüňsiz çyndygyny ykrar edýäris, şeýle hem, Munker we Nekiriň soraga çekmeleri hadyslarda gelşi ýaly hakdygyny ykrar edýäris.”** (Şerh El-Wasyýýe 23-24)

**“Allahyň ölümden soň janlary direltjegini, şeýle hem, sogap-jeza bermek üçin mukdary elli müň ýyla barabar günde olary gaýtadan janlandyrjagyny ykrar edýäris.”** (Şerh El-Wasyýýe 30)

**“Kyýamat gününde (her kim özüniň) kitabyny okajakdyr, aýatdaky ýaly: "(Oňa): «Kitabyňy oka! Bu gün hasaba çekiji hökmünde özüň özüň üçin ýeterlikdir!» (diýler)"”** (Isra 14) (Şerh El-Wasyýýe 28)

**“Kyýamat gününde amallar mizanda (terezide) çekiljegi hakdyr”** (El-Fykh El-Ekber 305)

**“Pygamberiň (Aleýhissalatu wesseläm) howzy hakdyr”** (El-Fykh El-Ekber 305)

**“Jennet we Dowzah ýaradylan (zatlardyr), hiç haçan ýok bolup gitmezler, Hur El-Aýnlar (Jennet hürleri) hem hiç haçan ölmezler.”** (El-Fykh El-Ekber 305)

**“Allah Tagala ahyretde görüljekdir, Ony möminler kelleleriniň gözleri bilen görerler, (muňa iman edýäris) meňzetmesiz, hil-tüýs bermesiz.”** (El-Fykh El-Ekber 304)

# YMAMYŇ SAHABALAR BARADAKY SÖZLERI:

**“Resulyň sahabalarynyň birisinem haýyrdan (gowulykdan) başga zat bilen ýatlamaly däldir.”** (El-Fykh El-Ekber 304)

**“Olaryň (sahabalaryň) birisiniň Allahyň Resuly bilen bir salym oturmagy biziň birimiziň uzak ömri boýunça eden amalyndan haýyrlydyr.”** (Menäkyb Ebi Hanyfa, El-Mekki)

**“Pygamberlerden (Aleýhim essalatu wesseläm) soň adamlaryň iň üstüni Ebu Bekr Es-Syddyk, soň Omar Ibn Hattab El-Faruk, soň Osman ibn Affan Zun-Nureýn, soň Aly ibn Ebi Talyp Murtaza Allah olaryň hemmesinden razy bolsun.”** (El-Fykh El-Ekber 303-304)

**“Olary her takwa musulman söýýändir, her betbagt munafyk (ikiýüzli) ýigrenýändir.”** (Şerh El-Wasyýýe 14)

# YMAMYŇ ZALYM PATYŞA GARŞY ÇYKMAK BARADAKY AKYDASY:

Ymam Ebu Hanyfa zalym patyşa garşy çykmaklygy, gozgalaň turuzmaklygy rugsatly görýär, rugsat saýýar diýip käbir maglumatlar bardyr, ýöne has dogrusy - Ymam ömrüniň soňunda bu garaýşyny üýtgedip, Ähli-sünnetiň garaýşyna dolanyp gelýär.

Okuwçysy Ebu Mutyýg El-Belhy ondan şeýle diýip soraýar:

**- "Ýagşylygy buýrup, ýamanlykdan gaýtarýan" diýip, yzyna adamlary düşürip jemagata (soltana) garşy çykýan kişi barada näme diýersiň? Rugsat saýýarsyňmy?**

**- Ýok.**

**- Näme üçin? Allah we Resuly ýagşylygy buýrup ýamanlykdan gaýtarmagy emir edendirler, bu wajyp, parz işdir.**

**- Onyň dogry, ýöne zaýalajak zatlary düzetjek zatlaryndan has köpdür: gan dökerler, haram zatlary halal ederler, mal-emläkleri ogurlarlar, aýatda Allah Tagala şeýle diýýär: "Eger möminlerden iki topar biri-birleri bilen söweşse, bes, siz olaryň arasyny düzediň! Eger olaryň biri beýlekisine hüjüm etse, ol hüjüm edenler bilen, tä Allahyň emrine dönýänçäler, siz hem söweşiň!"** (Hujurat 9)

**- (Zalym soltana) Hüjüm eden topara garşy gylyç bilen söweşelimi?**

**- (Ilki Ýagşylygy) buýrarsyň, (ýamanlykdan) gaýtararsyň, eger kabul etseler (bu gowusydyr), eger etmeseler, adyl topar bilen bilelikde (ýagny soltanyň baýdagynyň aşagynda) bolup olar bilen söweşersiň, hatda ymam (soltan, baştutan) zalym (adyl däl) bolsa-da. Şeýdip, adyl topar we zalym soltan bilen bol, hüjüm topar bilen bolma!"** (El-Fykh El-Ebsat 44-48)

Ibn Hemmam aýtdy: **"Eger (ynsan) adyl (soltana) boýun bolsa, soňam (soltan) zalym, fasyga öwrülse, (ol soltandan) aýrylmaly däldir, (ýogsa)**

**fitne (eden-etdilik, zyýan) bolmasa, ol aýrylmana laýykdyr, (ýöne şonda-da) onuň (soltan) üçin ýagşy doga etmegi wajypdyr, (emma) oňa garşy çykmak wajyp däldir. (Şul garaýyş) Ebu Hanyfanyň (garaýşydyr).”** (Musäýero 291 şerh ibn Ebi Şerif)

Bezdewi aýtdy: **“Ymam (soltan) haçanda zulum edende ýa fasyklyk (aç-açan uly günä edende) ony aýyrmaly däldir, bu Ebu Hanyfanyň hemme okuwçylarynyň garaýşydyr, bu makul mezhepdir.”** (Usul Ed-Din 190, Bezdewi)

Ymam Ebu Hanyfanyň we onuň iki okuwçysynyň akydasyny açyklaýan kitapda Tahawy şeýle diýýär: **“Zulum etseler-de, ymamlarymyza (baştutanlarymyza), ýolbaşçylarymyza garşy çykmagy (dogry) görmeýäris, olara betdoga etmeýäris, olara boýun bolmakdan ýüz öwürmeýäris, olara boýun bolmagy Allaha - azze we jelle - boýun bolmak saýyp, parz hasaplaýarys, (boýun bolýarys) magsyýe (günä zatlary) buýurmasalar. Olar üçin salyhlyk (düzelmeklik), jan-saglyk dileýäris.”** (Akyda Tahawy, Taglik Elbäni)

# YMAM EBU HANYFANYŇ AKYDASYNY ONUŇ YZYNA EÝERENLERIŇ AKYDASY BILEN DEŇEŞDIRME.

Ymam Ebu Hanyfanyň akydasyny Ebu Mansur Mäturiýdiniň akydasy bilen deňeşdirme.

**1) Akydanyň çeşmeleri, delil hökmünde tutulýan zatlar.**
Öň agzap geçişimiz ýaly, Ymam Ebu Hanyfa görä akydanyň çeşmesi Kuran, Sünnet we fytratdyr, Kuran-Sünnet diniň esasydyr. Ymam we onuň iň meşhur okuwçylary aýat-hadysdan öňe hiç zady geçirmezdiler, “Bu akla syganok, muňa akyl ýetirip bolanok” diýip hiç aýaty ýa hadysy taşlan däldirler.

Haçanda Ymam Ebu Hanyfanyň akyda çeşmesi bilen Ebu Mansur Mäturiýdiniň akyda çeşmesini deňämizde göz ýetirýäris: Ikisiniň arasynda uly tapawut bar, Ebu Mansuryň akydada çeşme hasaplaýan esasy zady - akyldyr, Kuran-Sünnet däldir, çünki, aklyň delilleri onuň garaýşynda çürt--kesik delillerdir, emma semgy (aýat-hadys) delilleri çürt-kesik däldir, gümany delillerdir. Şonuň üçin haýsam bolsa bir aýat ýa hadys olaryň akyllaryna sygmasa ýa akyllaryna ters gelse, onda olar öz akyllaryny aýat-hadysdan öňe geçirýärler, aýat-hadysa bolsa başga many berýärler. (Işärot El-Merom 189-199; Şerh akayd En-Nesefiýýe 5, 42)

Şeýdip, olar Allahyň wasplary baradaky aýat-hadyslaryň görünip duran manylaryny kabul etmän, olara başga many berdiler, te'wil etdiler, käbirleri asla-da ret etdiler.

**2) Aýat-hadyslary te'wil etmek.**
Ymam Ebu Hanyfa Allahyň wasplary baradaky aýat-hadyslary te'wil etmezdi, ýagny, olara görünip duran manylaryndan başga many bermezdi:

**“Onuň “eli” – Onuň “gudraty-nygmaty” diýmek ýalňyşdyr, çünki muny diýmek sypatlary batyla çykarmakdyr, bu hem “kadar” we “igtizäl” (azaşan fyrkalar) – yň sözüdir.”** (El-Fykh El-Ekber 302)

**“(Robbumyz) Inýändir, hil-tüýs bermesiz (ýagny, hadysda gelşi ýaly inýändir, ýöne nähili inýär, nädip inýär ol näbellidir)”** (Esma we Syfat, Beýhaky 456; Şerh El-Fykh El-Ekber, AlyEl-Kary Molla 60)

**“Allah Tagala mahluklaryň waspy bilen wasplanmaýar, Onuň gazaby we ryzasy hiç hili hil-tüýs bermesiz Onuň wasplarydyr, bu ähli-sünnet wel-jemagatyň sözüdir, Ol gazaplanýaram razy bolýaram, Onuň gazaby - Onuň jezasy, Onuň ryzasy - Onuň sylagy diýilmeli däldir. Özüni nähili wasplan bolsa şolar ýaly wasplamalydyrys: Ahad (Birdir), Samed (hiç kime mätäç däl, emma hemmeler Oňa mätäç), dogurmadam, dogulmadam, hiç kim Onuň deňi-taýy däldir. Ol Haýý, Kadyr, Semig, Basyr, Alimdir. Allahyň eli olaryň (möminleriň) elleriniň üstündedir, Onuň eli mahluklaryň (ýaradylanlaryň) eli ýaly däldir, hem-de Onuň ýüzi mahluklaryň (ýaradylanlaryň) ýüzleri ýaly däldir.”** (El-Fykh El-Ebsat 56 sahypa)

Ýöne Ebu Mansuryň we onuň yzyna düşenleriň akydasy beýle däldir, olar te'wil etdiler, wasplaryň manylaryna başga many berdiler. (Kitabut-tewhyd Mäturiýdi).

**3) Kelam (pelsepe) ylmy barada.**

Ymam Ebu Hanyfanyň kelam ylmy baradaky aýdanlaryny öňem agzap geçipdik, olaryň käbirlerini ýene-de gaýtalaýarys:

Haçanda adamlar Ebu Hanyfadan kelam ylmy barada soranlarynda şeýle jogap berdi: **“Ol ylym pelsepeçileriň sözleri, saňa düşeni hadyslara we selefiň ýoluna eýermek, her bir muhdesden (dine täze girizilen zatdan) häzir bol, çünki ol bidgatdyr.”** (Kitabul hujje fi beýanil mahajje)

Muhammet ibn Hasan aýtdy: **“Ebu Hanyfa bizi fykha höweslendirerdi, kelam (ylmyndan) gaýtarardy.”** (Zemmul kelam)

Ymamyň özi aýdýar: **“Basrada hyjuw-höwes eýeleri kändi, şonuň üçin oňa 20-den gowrak gezek bardym, belkem, bir ýyl töweregi ol ýerde**

**galardym, çünki kelam ylmy (pelsepäni) iň beýik ylym saýardym.”** (Menäkyb Ebi Hanyfa, Kerderi)

Soňra özüniň fykh we sünnete geçenini gürrüň berip şeýle diýýär: **“Kelam ylmyny iň üstün ylym saýardym, bu kelam diniň aslyndan diýerdim, ömrümden birnäçe wagt geçensoň özümi soraga çekip, pikirlendim, (özüme) aýtdym: “Pygamberimiziň sahabalaryndan, tabygynlardan we olara eýerenlerden sypyp, bize ýeten zatlar ýokdur (olara ýetmedik haýyr bize-de ýetmez), olar (kelam ylmyny almaly bolsa) has başarjaňdylar, has gowy bilerdiler, işleriň hakykatyny has gowy tanardylar, soňra olar özlerini çekeleşik-dawaçy, jedelçi orna goýmadylar, bu zatlara çümmediler, saklandylar, gaýtam ony aňrybaş derejede gadagan etdiler, olaryň şerigat, fykh baplary barada çuňňur kelamyny gördüm.......şu taryplan waspymyz bize aýan bolanda dawa-çekeleşigi, jedeli taşladyk, kelam ylmyna çümmekligi äpberdik we selefiň ýoluna dolandyk.”** (Menäkyb Ebi Hanyfa, El-Mekki)

**"...şeýdip, kelamy taşlap, fykh bilen meşgullanyp başladym, kelam bilen meşgullanýanlary (pelsepeçileri) gördüm, olaryň häsiýetleri salyhlaryň häsiýetleri däldi, kalplary gaty, doňýürek närselerdi, Kitap, Sünnete we selef-salyha ters gitmekden çekinmeýärdiler, eger bu (ylym) haýyr bolsa selef-salyh onuň bilen meşgullanardy..."** (Menäkyb Ebi Hanyfa, El-Kerderi)

Ebu Mansur we onuň yzyna düşenleriň kelam ylmy baradaky akydalary.

Olaryň kelam ylmy baradaky akydasy ymam Ebu Hanyfaňka düýbünden gabat gelenokdyr. Ebu Mansur ol ylmy iň şerefli hakyky ylym saýar ekeni, kelam ylma görä hökümleri gurardy. (Şerh Akaid Nesefiýýe, Taftazäni 2-3)

Ebu Mansuryň we okuwçylarynyň kelam ylmyna bulaşandygyna şu zatlar şaýatdyr:

a) Ol Tewhyd kitaby diýip kitap ýazýar, aslynda bolsa ol pelsepe, mantyk, kelam ylmy baradaky kitapdyr. Ol kitapda Ebu Mansur Allahyň wasplaryna hakyky manysyndan başga manylary berip, ol wasplary üýtgedýär. Hakykatda ol kitap tewhyd kitaby däl-de şerigat delillerini üýtgediji kitapdyr.

b) Şeýle hem, "Te'wilät ehli-sünne" diýip kitap ýazýar, ol kitap hem kelam ylmyndan dolydyr.

ç) Mäturiýdi toparyna degişli ençeme kişiler bar, olar kelam ylmy ugrunda ömürlerini sarp etdiler, bar gujur-gaýratlaryny ol ylym üçin bagyş etdiler, olar kelam ylmyny tagzym edip, ony diniň asly hasaplardylar.

Şeýlelik bilen, göz ýetirýäris: Mäturiýdi topary Ymam Ebu Hanyfa bilen akydada deň däldirler, Kuran we Sünnete düşünmeklik üçin tutan ýollary gapma-garşydyr, Ymam Ebu Hanyfa selefi (sahabalaryň) ýoluny tutup, aýat-hadysdan öňe hiç zady geçirmezdi. Emma Mäturiýdi topary, ýokarda belläp geçişimiz ýaly, hemme zatdan öňe akly geçirerdiler, oňa näme gabat gelse alardylar, gabat gelmese manysyny üýtgederdiler.

**4) Allahyň bardygy barada getirilýän deliller.**
Ymam Ebu Hanyfa öňem aýdyşymyz ýaly Allahyň bardygyna Kurany hem-de fytraty (adamyň tebigy häsiýetini) delil hökmünde görer ekeni, şu aýatlar esasynda akydasyny gurar ekeni: **“(Kuranyň) hakdygy mälim bolar ýaly, ynsanlara älemdäki hem-de öz beden-agzalaryndaky aýatlarymyzy (alamatlarymyzy) görkezeris. Perwerdigäriň hemme zada şaýat hökmünde ýeterlik dälmi?”** (Fussylet 53)

**“Görmeýärsiňizmi, siziň (hut) özüňizde (hem şonuň ýaly alamatlar) bardyr.”** (Zäriýat 21)

**“Şonuň üçin ynsan nämeden ýaradylandygy barada pikir etsin! Ol (erkegiň) bil, (aýalyň bolsa) göwüs süňküniň arasyndan çüwdürilip çykýan bir suwdan ýaradyldy.”** (Tarik 5-7)

**“Ynsan öz tagamyna ser salsyn! Biz asmandan ýagşy ýagdyrdyk. Soň (ot bitsin diýip) topragy gowy edip ýardyk.”** (Abase 24-26)
Emma Mäturiýdi topary başga ýol bilen Allahyň bardygyny subut edýärler, oňa hudus usuly diýilýär, ýagny: Älem iki zatdan ybarat: jewher (jisimler) we agraz (jisimin waspy, ýagny elläp bolmaýan zatlar). Agraz hadys (döredilendir), agraz jewherden aýrylýan däldir, ikisi biledir, döredilen zatdan aýrylmaýan zat hem döredilendir, şeýlelik bilen, ikisem hadys (döredilen), döredilen zadam döredijä mätäç, ol hem Allah.

Başga sözler bilen aýdamyzda, Allahyň bardygyny subut etmek üçin ilki 7 sany zady subut etmeli:

1 - Agrazlary subut etmeli.

2 - Olaryň jisimlerden aýrylmaýanyny subut etmeli.

3 - Başlangyjy bolmadyk hadyslaryň (döredilenleriň) ýokdygyny subut etmeli.

4 - Soňy bolmadyk hadyslaryň (döredilenleriň) bardygyny subut etmeli.

5 - Ýeke jewheriň bardygyny subut etmeli.

6 - Bir agrazyň iki zamanda bolmaýanlygyny subut etmeli.

7 - Jisimleriň biri-birine meňzeýänligini subut etmeli. (Muhtasa Es-Sawaik 1)

Bu zatlary subut etmek üçin köp wagt gerekdir, bu baradaky şübhelere jogap bermek üçinem uzak düşündirişler gerekdir, şeýlelik bilen, nädip zehinlere girmesi kyn bolan bu zatlar has aýdyň görünip duran zada delil bolsun?!

Hakykatda bolsa, Allahyň bardygyny subut etmek üçin bular ýaly zatlar gerek däldir.

**5) Tewhyd barada.**

Ymam Ebu Hanyfanyň tewhyd we onuň görnüşleri baradaky akydasy bellidir, ony agzap geçipdik.

Emma Mäturiýdi topary tewhydy şu üç kysma bölýärler:

1 - Tewhyd Zät, ýagny, Allah birdir, böleklere bölünmez.

2 - Tewhyd Sypat, ýagny, Allahyň deňi-taýy ýokdur.

3 - Tewhyd Efgal, ýagny, Allahyň Öz edýän amallarynda şärigi ýokdur.

Üns bersek, bu toparyň tewhydynda uluhiýýe tewhydy ýok ekeni, ýogsa tewhydyň şol görnüşi iň esasy maksatdyr, iň talap edilýän zatdyr, bütin adamzadyň ýaradylmagynyň, kitaplaryň inderilmeginiň, ilçileriň iberilmeginiň maksady - uluhiýýe tewhydydyr.

**6) Mukellefe (akly ýerinde bolup ýetişen kişä) ilkinji wajyp zat barada.** Selefleriň akydasynda (şol sanda Ymam Ebu Hanyfa) ilkinji mukellefe wajyp zat **“Lä ilähe illallah Muhammet Resulullah”** şaýatlygydyr.

Emma Mäturiýdi topary aýtdy: “Ilkinji wajyp zat “Allahy tanamaklyga iterýän oýlanma, pikirlenmedir, sebäbi Allahy tanamaklyk akla wajypdyr, şerigat bolmadyk bolsa-da.”” (Işärot El-Merom 84, 53)

Bu toparyň ýoly pygamberimiziň ýolundan aýrydyr, çünki pygamberimiz hiç kimi hiç haçan oýlanma, pikirlenmä çagyran däldir, ol ilkinji bilen şahada, şaýatlyga çagyrandyr. Edil şolar ýaly sahabalara hem şeýle buýrandyr, haçanda pygamberimiz Muazy Ýemene ugradanda şeýle diýýär: **“Olary ilkinji çagyrjak zadyň "lä ilähe illallah Muhammet Resulullah" şaýatlygy bolsun”** (Buhary)

**7) Allahyň wasplary barada.**
Ymam Ebu Hanyfanyň Allahyň wasplary hakyndaky akydasyny öň belläp geçipdik, Ymam ol wasplary hiç hili hil-tüýs bermesiz, te'wil etmesiz tassyk edýär. Emma Mäturiýdi topary bulam-bujar boldy, käbirleri ol wasplaryň sekizisini, käbirleri altysyny, käbirleri bolsa hiçisinem tassyk etmediler, olara başga many berdiler.

Ynha şular Ymam Ebu Hanyfa bilen Ebu Mansur Mäturiýdiniň deňeşdirmesidir, görşümiz ýaly, Ymamyň (Ebu Hanyfanyň) akydasy bilen onuň (Ebu Mansur Mäturidiniň) akydasy ýer bilen gök ýalydyr, diniň asly, esasy bolup duran zatlarda Ymam Ebu Hanyfa ters gelip, ýene-de fykhda onuň mezhebinde ýöreýänleri üçin özlerine “Hanafi” diýdiler, bu bolsa köpçüligi aldawa salmakdyr.

Şeýlelik bilen, Ymam Ebu Hanyfanyň mezhebine öňem, häzirem dürli toparlar özlerini ýöňkeýärler. Olaryň käbirleri hakykatdanam ymamyň ýörelgesine gabat gelýärler, käbirleri bolsa akydada däl-de diňe fykh meselelerinde Ymamyň mezhebine gabat gelýärler.

Ymam Ebu Hanyfanyň ýolundan doly giden, onuň mezhebine bütinleýin hemme taraplaýyn eýeren alymlaryň iň meşhury - Ebu Jagfer Ahmet ibn Muhammet Tahawy atly alym, ol 321-nji hijri ýylynda aradan çykan. Onuň

meşhur kitaby bar, ol kitapda alym Ebu Hanyfanyň we onuň iň belli iki okuwçysynyň, Ebu Ýusufyň, Muhammet ibn Hasanyň akydasyny beýan edýär. Olaryň akydasynyň umuman ähli-sünnetiň akydasyna gabat gelýänini belläp geçýär. Ymam Tahawy Ymam Ebu Hanyfanyň akydasyny iň gowy tanaýan, iň gowy bilýän hasaplanylýar, munuň birnäçe sebäbi bar:

1 - Ymam Tahawyny alymlar ynamly, ynamdar, ygtybarly hasaplaýarlar, Zehebi ol barada aýtdy: **“Ol Ymam, Allame (köp ylymly), uly hafiz (hadyslary ýatdan bilýän), Müsür illeriniň muhaddisi (hadys alymy) we fakyhy (fykh alymy).”** (Siýeru aglämin-nubelä 27/15)

Ebu Said Ibn Ýunus aýtdy: **“Ol ynamly, ygtybarly akyl eýesidi, fakyhdy, yzynda özi ýaly hiç kimi goýmady.”** (Siýeru aglämin-nubelä 29/15)

2 - Alymlaryň köpüsi Tahawynyň akydasyny dogry diýip kabul etdiler, şäfigy mezhebiniň Subki atly alymy aýtdy: **“Dört mezhebiň (alymlarynyň) köpüsi hakdadyr, olar Ymam Tahawynyň akydasyny dogry diýip kabul edendirler”** (Mugyýd En-Nigam we Mubiýd En-Nikam 62)

Nasyry atly hanafi alymy aýtdy: **“Ebu Jagfer Tahawynyň Ebu Hanyfa, Ebu Ýusuf we Muhammetden habar beren akyda kitaby - Ähli-sünnetiň öňki-soňky alymlarynyň daýanan kitabydyr.”** (En-Nur El-Lämig A/69)

Ebul-Mugyýn En-Nesefi aýtdy: **“Ebu Jagfer Tahawy selef ymamlarynyň ylymlaryna eýe bolan kişidir, hasam Ebu Hanyfa we onuň okuwçylarynyň ylymlaryna eýedir”** (En-Nur El-Lämig B/2)

3 - Ymam Tahawynyň öz kitabynda beýan eden Ähli-sünnet akydasy umuman Ebu Hanyfanyň akydasyna gabat gelýändir, haçanda Ebu Hanyfa ýöňkelýän kitaplara ser salsak muňa göz ýetirýäris, şeýle hem onuň akydasy (iman meselesinden daşary) beýleki ymamlaryň akydasyna gabat gelýändir.

Ebu Muzaffar Isfiroiýni aýtdy: **“Kadariýýe, rafiza (şyýga) toparlarynyň sözlerine täsirlenen, olara taklid eden käbir Ehli-Ro'ý (höküm çykaranda köplenç pikire daýanýan topar) ýaşlary peýda boldular, ähli-sünnetiň gylyjyndan gorkanlarynda özleriniň ýaramaz akydalaryny Ebu Hanyfa ýöňkärdiler, ony galkan edinerdiler. Şonuň üçin, oňa**

**ýöňkeýän zatlaryna aldanma! Çünki Ebu Hanyfa oňa ýöňkelýän (ýaramaz) zatlardan päkdir.”** (Tabsyr Fid Din 114)

Şeýhul-Isläm aýtdy: **“Käbir adamlar bir alyma özlerini ýöňkeýärler, ýöne ol alym olaryň (ýaramazlyklaryndan) päkdir, (ýoly düýbünden başgadyr), bu ýagdaý hemme ymamlarda bolup geçýändir. Käbirleri özlerini Ymam Mälige ýöňkediler, ýöne Mälik olardan päkdir, käbirleri özlerini Ymam Şäfyga ýöňkediler, ýöne ol olardan päkdir, käbirleri özlerini Ebu Hanyfa ýöňkediler, ýöne ol olardan päkdir.”** (El-Ukud Ed-Duriýýe 157; Mejmuga Fetäwä 185/3)

Bu zatlardan soň şeýle netijä gelýäris:

Hanafiler her dürli akydadan täsirlenendirler, her topar öz akydasyny Ebu Hanyfa ýöňkändir, ol toparlar her hili bidgatlara eýedirler; wasplara başga many bermek, irja (amaly imandan çykaryp, amaly imandan saýmazlyk). Bu zatlar Tahawynyň beýan eden hanafi akydasynyň ýitip gitmegine sebäp boldy, onuň ýerine Mäturiýdi akydasy geldi, häzirki döwürde Ebu Hanyfanyň akydasy Mäturiýdi diýip pikir edýärler, ýöne beýle däldigini ýokarda beýan edendiris. Şonuň üçin, her bir özüni hanafi mezhebine ýöňkän kişi hanafi däldir.

# SOŇSÖZ:

Bu kitapçada agzalan zatlary jemläp aýdýarys:

1) Kuran we Sünnetden alnan dürs akyda - diniň aslydyr, mäkäm diregidir, esasa, asla daýanmaýan her zat ýok bolmak bilen bolar.

2) Fykh ymamlarynyň - Ebu Hanyfanyň, Mäligiň, Şäfygynyň, Ahmediň - akydasy birdir, diniň asyllary babatynda hemmesiniň ynançy birmeňzeşdir.

3) Ymam Ebu Hanyfa ilki bilen kelam ylmy bilen meşgullandy, emma onuň dine ýetirýän howp-hataryny, akyda berýän zeraryny görende ony terk edip, Sünnete eýerdi.

4) Akyda babatyndaky ynançlary subut etmekde ymam Ebu Hanyfa Kurana we Sünnete daýanardy, ol ikisini esas, düýp hasaplardy, çünki, ol ikisine daýanmazlyk - ylymsyz Allah babatynda gürlemeklikdir, Allah we Resulyndan öňe geçmekdir.

5) Allahyň bardygyny subut etmekde Ymam Ebu Hanyfa Kuranyň we sünnetiň ýoluny saýlap alyp, kelamy, pelsepe ýollardan ýüz öwrendir.

6) Ymam Ebu Hanyfa Allahyň wasplarynyň hemmesini isbat (tassyk) edendir, zäti, amaly hemmesini te'wilsiz (başga many bermesiz) isbat edendir.

7) Ymam Ebu Hanyfa takdyr meselesinde Ähli-sünnetiň ýolundadyr, bu meselede dogry ýoldan aýrylanlara ret edendir.

8) Gabyr azabyny, gabyr lezzetini, ahyretiň wakalaryny, Jennet-Dowzahy, olaryň mahluk bolup, ýitip gitmän baky galjagyny ymam tassyk edendir.

9) Ymam Ebu Hanyfa bir meselede seleflere gabat gelmedi - ýagny, amallary imandan hasaplamady, belkem, Ymam bu garaýşyndan gaýdandyr, eger gaýtmadyk bolsa, Allah bizi hem ony bagyşlasyn, geçirsin, bizi hem

ony rehmetinde jemlesin. Muhammet Pygamberiň sözünden başga hemme kişiniň sözi alnaram, gaýtarylam.

10) Ymam Ebu Hanyfanyň öz eli bilen ýazan kitaby bize gelip gowşan däldir, ýöne oňa ýöňkelýän kitaplar gelendir: El-Fykh El-Ekber ogly Hammadyň rowaýatyndaky, Ebu Hanyfanyň Betti atly birine ýazan kitapçasy Wasyýýe.

11) Ymam Ebu Hanyfanyň akydasy bilen Ebu Mansur Mäturiýdiniň akydasyny deňeşdirmegiň netijesinde şuňa göz ýetirdik: Ebu Mansur Ebu Hanyfanyň akydasynda däldir.

12) Ymam Ebu Hanyfa özüni ýöňkän her kes onuň akydasynda däldir.

WE ÄHIRU DAGWÄNÄ ENIL HAMDU LILLÄHI ROBBIL ÄLEMIÝN!

# Mazmuny:

SÖZBAŞY. ..................................................................................... 3
YMAM EBU HANYFANYŇ ÖMÜR BEÝANY. ....................................... 6
1. Şahsy haýaty. ........................................................................... 6
1) Ady we asly. ........................................................................ 6
2) Eneden dogulşy we doglan ýeri: ............................................. 6
3) Onuň önüp-ösüşi we wasplary: .............................................. 6
4) Aradan çykyşy: ...................................................................... 8
2. Ylmy haýaty. ............................................................................. 9
1) Ymamyň ylym taýdan ösüşi: ................................................... 9
2) Şeýhlary, mugallymlary: ........................................................ 9
3) Okuwçylary: .......................................................................... 9
4) Ymam Ebu Hanyfanyň ylmy derejesi, alymlaryň ol baradaky sözleri: ........................................................................................ 10
3. Diniň esaslary hakyndaky kitaplarynyň gysgaça beýany. ..................... 13
YMAM EBU HANYFANYŇ DINIŇ ESASLARYNY BEÝAN ETMEKDE TUTAN ÝOLY. ........................................................................ 17
1. Ebu Hanyfa görä akydanyň çeşmeleri. ........................................ 17
2. Bidgat bolan kelam ylmy (pelsepe) baradaky garaýşy. ......................... 21
3. Jehmiýýe, mugtezile, hawarij ýaly toparlara bolan garaýşy. ................ 22
a) Hawarijlar. ........................................................................... 23
2. Şyýga topary, şaýylar. ............................................................. 26
3. Arassa murjie topary. ............................................................... 27
4. Kadariýýe. ............................................................................ 27
5. Jehmiler. ............................................................................... 28
6. Mugtezile topary. ..................................................................... 28
YMAMYŇ TEWHYD BABATYNDAKY AKYDASY. .............................. 29

Bärde hanafi alymlaryň tewhyd baradaky sözlerini getirmegi makul bildik: ... 33
Ymam Ebu Hanyfanyň we onuň käbir okuwçylarynyň şirke köpri bolýan, şirke eltýän zatlary gadagan edendikleri hakynda maglumatlar gelendir: ... 35
YMAM EBU HANYFANYŇ ALLAHA TEWESSUL ETMEKDE AKYDASY (YNANJY). ... 36
YMAM EBU HANYFANYŇ ESMA WE SYPAT TEWHYDYNDAKY AKYDASY. ... 41
Esma we sypat baradaky Ymamyň sözleri: ... 41
YMAM EBU HANYFANYŇ IMAN MESELESINDÄKI AKYDASY. ... 45
IMANYŇ KESGITLEMESI. ... 45
1) Murjieler toparlarynda imanyň kesgitlemesi ... 46
A-Jehmilerde iman: ... 46
B-Kerromilerde iman: ... 46
Ç-Eşagyralarda we Mäturiýdilerde iman: ... 46
2) Haryjylarda imanyň kesgitlemesi. ... 46
3) Mugtezilelerde imanyň kesgitlemesi: ... 47
Amalyň imana girip, onuň bir bölegidiginiň delilleri: ... 47
Indi siziň dykgatyňyza seleflerimiziň sözlerini ýetirýäris: ... 48
IMANYŇ ARTMAGY WE KEMELMEGI. ... 50
Amaly imandan çykarmak we ol artmaýar we kemelmeýär diýmeklik ijtihäd meselesimi? ... 51
Ymam Ebu Hanyfa şeýle diýdi: “Iman (kalpdaky) tassyk we (dildäki) ykrar, artanok hem kemelenok” ... 52
YMAM EBU HANYFANYŇ PYGAMBERLER BARADAKY AKYDASY. ... 54
YMAM EBU HANYFANYŇ GABYR AZABY, GAÝTADAN DIRELIŞ, KYÝAMAT BARADAKY SÖZLERI. ... 55
YMAMYŇ SAHABALAR BARADAKY SÖZLERI: ... 56

YMAMYŇ ZALYM PATYŞA GARŞY ÇYKMAK BARADAKY AKYDASY: ........ 57
YMAM EBU HANYFANYŇ AKYDASYNY ONUŇ YZYNA EÝERENLERIŇ AKYDASY BILEN DEŇEŞDIRME. ........ 59
1) Akydanyň çeşmeleri, delil hökmünde tutulýan zatlar. ........ 59
2) Aýat-hadyslary te'wil etmek. ........ 59
3) Kelam (pelsepe) ylmy barada. ........ 60
4) Allahyň bardygy barada getirilýän deliller. ........ 62
5) Tewhyd barada. ........ 63
6) Mukellefe (akly ýerinde bolup ýetişen kişä) ilkinji wajyp zat barada. ........ 64
7) Allahyň wasplary barada. ........ 64
SOŇSÖZ: ........ 67
Mazmuny: ........ 69